INTERNATIONAL MEDIA

ZAMAN TÜRKMENISTAN

29-njy dekabr, 2023. Belgisi 52/1566


## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – BIZIŇ GAZANÝAN ÄHLI ÜSTÜNLIKLERIMIZE ŞÖHRATLY GEÇMIŞIMIZE, HÄZIRKI BAGTYÝAR DURMUŞYMYZA WE NURANA GELJEGIMIZE BUÝSANÝAN, EZIZ WATANYMYZYŇ GÜÝÇ-KUWWATYNA ÖWRÜLEN ÝAŞLARYMYZYŇ GOŞANDY ÖRÄN ULUDYR.



# UZAKMÖHLETLEÝIN HEM KÖPTARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYK

*26-njy dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasyna iş saparyny amala aşyryp, däp bolan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza döwletleriň Baştutanlarynyň resmi däl sammitine gatnaşdy.*

Nobatdaky sammite Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew, Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko, Ermenistan Respublikasynyň Premýer-ministri Nikol Paşinýan, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem gatnaşdylar.

Ýokary derejedäki duşuşygyň öňüsyrasynda belent mertebeli myhmanlaryň Sankt-Peterburgda bolmagynyň maksatnamasyna laýyklykda, GDA agza ýurtlaryň döwlet Baştutanlary Russiýanyň medeni paýtagtynyň gözel ýerlerine baryp gördüler. Hususan-da, «Pawlowsk» döwlet muzeý-goraghanasynyň, Puşkin şäherçesindäki «Sarskoýe selo» döwlet muzeý-goraghanasynyň, «Petergof» döwlet muzeý-goraghanasynyň ekspozisiýalary bilen tanyşdylar.

Günüň ikinji ýarymynda Konstantin köşgünde ýerleşýän «Kongresler köşgi» döwlet toplumynda resmi däl sammit geçirildi.

Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin ýokary derejedäki duşuşygy açyp, oňa gatnaşyjylary ýene-de bir gezek mähirli mübärekledi we Täze ýylyň öň ýanyndaky resmi däl sammite gatnaşmak üçin Sankt-Peterburg şäherine gelmäge çakylygy kabul edendikleri üçin hemmelere hoşallyk bildirdi.

Çykyşyň dowamynda şu ýylda ýerine ýetirilen işleriň jemlerine gysgaça seljerme berildi we GDA-nyň çäklerinde bilelikdäki işleriň ýakyn geljek üçin esasy ugurlary kesgitlenildi. Umuman, 2023-nji ýyl Arkalaşyk üçin örän netijeli boldy. Bellenilişi ýaly, ähli göz öňünde tutulan çäreler üstünlikli ýerine ýetirildi, gazanylan ylalaşyklar bolsa dostlukly ýurtlaryň arasynda ähli ulgamlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge, özara bähbitli täze ykdysady, ulag-logistika, medeni-ynsanperwer we beýleki ugurlardaky taslamalary durmuşa geçirmäge ýardam bermäge gönükdirilendir. Şeýle-de, özara gyzyklanma bildirilýän halkara meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bellenilişi ýaly, GDA agza ýurtlaryň ählisiniň sebit we dünýä derejesindäki hyzmatdaşlygyň binýadyna goýlan esasy ýörelgelere ygrarly bolmagy Arkalaşygyň giňişligindäki üstünlikli işiň möhüm şerti bolup durýar. Şunuň bilen birlikde, geçen ýyllaryň dowamynda GDA döwletleri hyzmatdaşlyk ýoluna üýtgewsiz eýerýärler, taraplaryň hoşmeýilli erki, deňhukuklylyk, ynanyşmak bolsa onuň ygtybarly binýady bolup durýar. Ýokary derejedäki şu gezekki duşuşyk sebit boýunça goňşy ýurtlaryň bilelikdäki işiň toplanan oňyn tejribesinden, milli ykdysadyýetleriň ýeten sepgitlerinden ugur alyp hem-de ähli taraplaryň bar bolan ägirt uly ykdysady, serişde kuwwatyny nazara almak bilen, däp bolan netijeli dialogy hil taýdan täze derejä çykarmaga, oňa has toplumlaýyn we işjeň häsiýet bermäge çalyşýandyklarynyň nobatdaky aýdyň beýanydyr.

Ýurdumyz Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin netijeli meýdança hökmünde garap, yzygiderli esasda anyk teklipleri öňe sürýär. Hyzmatdaşlygyň döwrüň talap edýän görnüşlerini işläp taýýarlamak bu teklipleriň baş maksadydyr. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň 13-nji oktýabrynda GDA agza ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisinde hormatly Prezidentimiziň täze netijeli başlangyçlar bilen çykyş edendigini bellemek gerek. Bu başlangyçlaryň durmuşa geçirilmegi GDA-nyň çäklerindäki köpýyllyk döwletara gatnaşyklara itergi bermäge, diňe bir Arkalaşygyň giňişliginde däl, eýsem, tutuş dünýäde-de howpsuzlygy, durnuklylygy, okgunly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilendir.

Gatnaşyjy döwletleriň halkara giňişlikde birek-birege berýän goldawy ägirt uly syýasy-diplomatik mümkinçiliklere eýe bolan Arkalaşygyň ýurtlarynyň Birleşen Milletler Guramasynda, beýleki abraýly halkara we sebit düzümlerinde ylalaşykly garaýyşlar bilen çykyş edýändikleriniň aýdyň beýany bolup durýar. Şunda agza ýurtlaryň ählisi dünýä syýasatyna, hukuga hormat goýmagy, dialogyň medeniýetini, döwletleriň arasyndaky gatnaşyklarda ynanyşmagy we aýdyňlygy gaýtaryp getirmegiň zerurdygyndan ugur alýar. Hut şeýle çemeleşme Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna 30 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda çeýeligi saklap galmaga, köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynda GDA-nyň çäklerinde ýakynlaşmak proseslerini ösdürmäge gönükdirilen mehanizmleri işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär, umuman, halkara durnuklylyk we howpsuzlyk ulgamynyň aýrylmaz bölegi hökmünde bu birleşmäniň hereket etmegini şertlendirýär.

Şu gezekki ýokary derejedäki duşuşygyň barşynda öňde durýan maksatlaryň we wezipeleriň umumylygyndan ugur alyp, däp bolan hyzmatdaşlygy hil taýdan täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmagyň möhümdigine aýratyn üns berildi. Şunda bilelikdäki işiň toplanan oňyn tejribesini nazara almak bilen, GDA agza ýurtlaryň arasynda ulgamlaýyn syýasy geňeşmeleriň täsirli gurallaryny döretmegiň zerurdygy bellenildi. Ýakyn we uzak möhletli geljegi hasaba almak bilen, özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlary barada pikir alyşmalaryň çäklerinde döwlet Baştutanlary şu ýyl dürli forumlarda, çärelerde we duşuşyklarda kabul edilen çözgütleriň, gazanylan ylalaşyklaryň dostlukly halklaryň abadançylygynyň bähbidine GDA-nyň giňişliginde döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine berk ynam bildirdiler.

Umuman, sebit hem-de halkara gün tertibiniň meseleleri ara alnyp maslahatlaşylan ýokary derejeli resmi däl görnüşdäki bu duşuşyk GDA gatnaşyjy ýurtlaryň mundan beýläk-de hyzmatdaşlygy strategik gatnaşyklar, özara bähbitlilik we ähli döwletleriň bähbitlerini nazara almak esasynda bilelikde ösdürmäge çalyşýandyklarynyň nobatdaky güwäsine öwrüldi.



## Hoş geldiň Diýara, Täze ýyl!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe her bir günümiz üstünliklere beslenýär. Zemine gyş paslynyň gelmegi bilen tebigatyň görnüşi düýpgöter üýtgeýär. Ýylyň ähli paslynda hem paýtagtymyzyň älemgoşar öwüşginli gülleri, ýaşyl baglary, ajaýyp seýilgähleri we onuň tämiz howasy islendik ýaşdaky adama güýç-kuwwat berýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda baýramlary baýramlara ulaşýan Watanymyzda 15-nji dekabrda paýtagtymyzdaky «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň öňündäki meýdançada dikeldilen ýurdumyzyň Baş arçasynyň yşyklaryny ýakmak dabarasy boldy. Şol pursat döwletimiziň ähli welaýatlarynda bezelen arçalar hem älemgoşar şuglasyny saçyp, Täze ýyl baýramçylygynyň şatlyk-şowhunynyň başlanýandygynyň buşlukçysyna öwrüldi.

Çagajyklara ýatdan çykmajak şatlykly duýgulary paýlaýan baýramçylykda adamlar birek-birege sowgat berip, şirinden-şirin arzuw edýär. Täze ýyl baýramçylygynyň dabarasynyň güneşli Diýarymyzda belentden tutulmagy buýsanjyňy has-da artdyrýar. Ýurdumyzyň ähli künjeginde häzirki wagtda Täze ýyl mynasybetli baýramçylyk dabaralary geçirilýär.

Diýarymyzyň ähli künjegi ajaýyp öwüşginlere, baýramçylyk lybasyna beslenýär. Dürli öwüşginli Baş arçanyň töweregine müňlerçe adam ýygnanyp, birek-birege rowaçlyk, bagtyýarlyk arzuwlaýarlar. ■ 2




## Türkmen ýaşlary üçin gymmatly kitap

Tamamlanyp barýan 2023-nji ýyl bagtyýar ýaşlaryň durmuşynda, hakydamyzda we aňymyzda müdimilik orun alýar. Biz bu ýylyň ilkinji günlerinden başlap ýaş nesliň şu günki we geljekki ykbaly bilen baglanyşykly göwün galkyndyryjy wakalaryň birnäçesiniň şaýady bolduk. Eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hasaplanýan ýaşlar üçin döwlet derejesinde edilýän aladalaryň ählisiniň giň gerime, uly ähmiýete eýedigini, uzak geljegi nazarlaýandygyny hem nygtamak gerek.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz türkmen ýaşlary üçin ajaýyp sowgat taýýarlady. Döwlet Baştutanymyzyň çuňňur oýlanyşykly hem-de ýylyň jemlerine bagyşlanan «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitaby çapdan çykdy. Bu kitap ýylyň özboluşly jemlenmesine öwrülip, onda ýurdumyzyň ýaşlarynyň gazanan üstünlikleri giňişleýin beýan edilýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyçlary bilen Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň gurlup ulanylmaga berilmegi, bu şäheriň ýaşlaryň şäheri hökmünde ykrar edilmegi döwletli döwranymyzyň iň buýsançly wakasy hökmünde göwnümizi galkyndyrdy. Gurluşyk işlerinde ýaşlaryň tekliplerininiň diňlenilmegi we olaryň ylmy taslama işleriniň bu «akylly» şäherde gurulýan binalarda ornaşdyrylmagy ýaşlaryň zehinine, güýjüne aýratyn bil baglanylýandygyna şaýatlyk edýär.

Ýylyň şygaryndan gözbaş alýan bu özgertmeleriň ählisi zähmeti baýdak edinýän ýaş nesli belent maksatlara ýetmäge, röwşen geljegi gurmaga ruhlandyrýar. ■ 2

# Gahryman Serdarly bagtyýar ýaşlar ynamly öňe barýar

27-nji dekabrda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda halkara ylmy-amaly maslahat we köpugurly sergi geçirildi. Ol «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» şygary astynda tamamlanyp barýan ýylyň jemlerini jemleýän özboluşly çärä öwrüldi.

Ýygnananlar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagyny uly ruhubelentlik bilen diňlediler. Onda gazanýan ähli üstünliklerimizde şöhratly geçmişimize, häzirki bagtyýar durmuşymyza we nurana geljegimize buýsanýan, eziz Watanymyzyň güýç-kuwwatyna öwrülen ýaşlarymyzyň goşandynyň örän uludygy nygtalýar.

Häzirki döwürde ýaş nesiller bilimlerini we zehinlerini dürli ders olimpiadalarynda, döredijilik bäsleşiklerinde, sungat festiwallarynda, sport ýaryşlarynda görkezýärler, döwlet hem-de hususy düzümlerde üstünlikli zähmet çekip, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň okgunly ösdürilmegine işjeň gatnaşýarlar. Olaryň gazanan üstünlikleri şu gezekki köpugurly sergide giňden beýan edilýär.

Sergi bilen tanyşlyk Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň, Mejlisiniň, Daşary işler ministrliginiň diwarlyklaryndan başlanýar. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň döwrebap mahabat enjamlary bilen enjamlaşdyrylan





köp sanly ýöriteleşdirilen diwarlyklary pudaklaýyn üstünlikleri, kuwwatlyklary, hyzmatlar ulgamyndaky teklipleri tanyşdyrmak üçin netijeli meýdança boldy. Olarda maliýe-bank ulgamynyň, nebitgaz pudagynyň, oba hojalyk, gurluşyk-senagat, ulag-kommunikasiýalar toplumlarynyň, medeniýet, ylym, bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň üstünlikleri giňişleýin beýan edilýär.

Ýurdumyzyň welaýatlarynyň, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň nusgalyk nyşanlaryna öwrülen Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleriniň diwarlyklary sergä gelenlerde uly gyzyklanma döretdi. Medeniýet ulgamynyň sergi bölümi foruma gatnaşyjylaryň we myhmanlaryň köp sanlysynyň ünsüni özüne çekýär. Bu bölümiň ýanynda halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, Watanymyzyň Garaşsyzlygyny arzuw eden beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň heýkeli ýerleşdirilipdir.

Serginiň merkezi böleginde ýaş hünärmenleriň taýýarlanylýan merkezleri bolan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň sergi bölümleri bar.

### YLMY-AMALY MASLAHAT

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet ýaşlar syýasaty halkara ylmy-amaly maslahatyň umumy mejlisindäki çykyşlaryň özenini düzdi. Forumyň işine sanly ulgam arkaly ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlar düzüminiň hem-de talyplarynyň gatnaşandygyny bellemek gerek. Ýurdumyzda ýaş nesliň terbiýesine aýratyn ähmiýet berilýär. Bu bolsa halkymyzyň asyrlaryň dowamynda kemala getiren ruhy-ahlak ýörelgeleriniň nusgalyk dowam etdirilýändiginiň ýene-de bir aýdyň mysalydyr.

Umumy mejlis tamamlanandan soňra, maslahatyň işi ýaşlar syýasatynyň dürli ugurlaryna bagyşlanan ýörite bölümçeleriň 10-synda dowam etdi.

Maslahata gatnaşyjylar Watanymyzyň gazanýan ägirt uly üstünliklerine we ýeten sepgitlerine çäksiz buýsanýan ýaşlaryň jemgyýetçilik işjeňliginiň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna gönüden-göni goşant goşýan şeýle çäreleriň möhüm ähmiýetine ünsi çekip, dünýäde parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge, halkara hyzmatdaşlygyň, şol sanda ýaşlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň giňeldilmegine gönükdirilen köpugurly işleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler. ■ 2



# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ TÜRKMEN HALKYNA TÄZE ÝYL GUTLAGY

***Eziz watandaşlar!***
***Mähriban halkym!***

Taryhyň ýene-de bir ýyly tamamlanyp barýar. Biz sanly-ja günden Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň türkmen halkyna Täze ýyl Gutlagyny diňläris. Döwrüň täze menziline gadam basarys.

2023-nji ýyl ýurdumyzda «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip atlandyryldy. Munuň özi ýaş nesle ynamymyzyň aýdyň mysalydyr. Bu ýyl halkymyz we ýurdumyz üçin düşümli, döwletli ýyl boldy. Ýaşlarymyzyň durmuşynda ýatdan çykmajak pursatlara beslendi. Biz diňe bir ýylymyzy däl, tutuş döwrümizi ýaşlar bilen baglanyşdyrýarys.

Ýaşulularyň göreldesi – ýaşlaryň ýörelgesi.

Nesilleriň dowamaty – döwürleriň baglanyşygy.

Biziň başlan asylly işlerimizi ýaşlarymyzyň üstünlikli dowam etdirýändigi örän guwandyrýar.

Bu ýyl bütin halkymyz bilen agzybirlikde ýurdumyzyň mundan beýlägem gülläp ösmegi üçin asylly işler dowam etdirildi. Maksatlar myrat tapyp, iri taslamalar üstünlikli amala aşyryldy.

Iýun aýynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Köpetdagyň eteginde Arkadag şäheri dabaraly açyldy. Munuň özi tutuş döwrümiziň ajaýyp wakasydyr. Taryhyň altyn sahypasydyr.

Bu şäher şu günüň hem geljegiň şäheridir!

Bu şäher bagtyýarlygyň hem abadançylygyň şäheridir!

Bu şäher ýaşlygyň hem bagtly durmuşyň şäheridir!

Gurmak – gurplulykdan nyşan. Häzirki döwürde iri şäherdir obalar gözel Diýarymyzyň ähli künjeklerinde gurlup ulanmaga berilýär.

***Hormatly adamlar!***

Ýaşuly nesliň pähim-paýhasy bilen ýaş nesliň täzeçil garaýyşlarynyň sazlaşan ýerinde ýetilmejek sepgit ýokdur. Biz ýaşlaryň döwrebap başlangyçlaryna möhüm ähmiýet berýäris. Arkadag şäheriniň gurluşygynda hem ýaşlaryň oý-pikirleri, ukyp-başarnyklary giňden ulanyldy. Olaryň «akylly» şäheriň ähli desgalaryna sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça tutanýerli zähmet çekendiklerini buýsanç bilen belläsim gelýär.

Bu ýyl Arkadagly Gahryman Serdarymyz Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygyna hem badalga berdi. Ajaýyp mekanda täze binalar, desgalar gurlup, ýaşaýyş gülläp ösýär. Döwrebap şäherde gurlan giň we ýagty otagly ýaşaýyş jaýlary, bilim ojaklary, çagalar baglary, sport desgalarydyr söwda merkezleri, saglyk edaralary göwnüňi galkyndyrýar. Munuň özi «Döwlet adam üçindir!» diýen syýasatymyzyň rowaçlanýandygyny aýdyň görkezýär.

***Mähriban halkym!***

Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynda ýaşaýyş jaýlary bilen bir hatarda, senagat desgalarynyň gurluşygyna-da uly ähmiýet berler. Ekologiýa talaplaryna doly laýyk gelýän önümçilikler ýola goýlar. Bu önümleri dünýä bazarlaryna-da eksporta ugradarys. Şeýle hem müňlerçe adamy iş bilen üpjün ederis.

Şu ýyl Bilimler we talyp ýaşlar gününde Täze şäherde birnäçe bilim ojaklary açylyp ulanmaga berildi. Gurluşyklaryň ikinji tapgyrynyň çäginde ýene-de bir döwrebap bilim ojagy, ýagny Oba hojalyk uniwersitetiniň täze binalar toplumy gurlar. Şeýle-de oba hojalyk ylmy-barlag institutlary bina ediler. Ylmy ekerançylygy, maldarçylygy, ýüpekçiligi, umuman, oba hojalygynyň ähli ugurlarynda önümçiligi alyp bararys.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýaşlaryň durmuşy bilen bagly başga-da köp işler ýerine ýetirildi.

***Eziz watandaşlar!***

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýaşlarymyzyň geljekde hem Watanymyzyň at-abraýyny has-da belende göterjekdiklerine berk ynanýaryn. Biz ýaş nesle hemişe uly ynam bildirýäris. Ýaşlarymyz hem her bir işde ýaşuly nesle sala salýarlar, geňeşýärler. Biz mundan beýlägem ýaşlaryň armasyny ýetirip, olary uly geljege ugrukdyrmakda asylly işleri dowam ederis.

Pederlerimiz «Agzybir il – abadan» diýipdirler. Nesip bolsa, Arkadagly Serdarymyzyň alyp barýan işlerine täze ýylda hem mynasyp goşant goşmakda elimizden gelenini gaýgyrmarys. Biziň her birimiziň ömrümiziň manysy, durmuşymyzyň höziri hem Watanyň röwşen ykbalyna mynasyp goşant goşmakdadyr. Arkadagly Serdarymyzyň belleýşi ýaly: «Döwlet diňe halky bilen döwletdir! Watan diňe halky bilen Watandyr!».

***Mähriban halkym!***
***Hormatly adamlar!***

Men hem pursatdan peýdalanyp, sizi ýetip gelen Täze, luw ýyly bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. «Balyk – halyk» diýlişi ýaly, täze ýylda-da size berk jan saglygyny, her bir maşgala ojagyna abadançylygy, egsilmez bagtyýarlygy arzuw edýärin.

Täze ýyl hemmäňize rysgal-döwlet, bagt getirsin!

Täze ýyl bedew bady bilen ähliňizi maksat-myrada ýetirsin!

## Türkmen ýaşlary üçin gymmatly kitap

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň täze taryhy döwründe uly öwrülişikleri başdan geçirýän beýik ykbally türkmen ýaşlary mundan beýläk-de mähriban Watanymyzy gülledip ösdürmäge, bütin dünýädäki abraý-mertebesini belende galdyrmaga öz mynasyp goşantlaryny goşarlar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri halk hojalygynyň ähli ulgamlary üçin ýokary



bilimli hünärmenleri taýýarlamak ýaly wajyp wezipäni üstünlikli berjaý edýärler. Ylymly-bilimli nesil jemgyýetiň ösüşine kuwwatly itergi berýär. Hut şu belent maksatlaryň netijesinde, häzirki wagtda Türkmenistanda ýaş nesliň hemmetaraplaýyn ösen, öňdebaryjy tilsimatlardan baş çykarýan, ylmyň dünýä derejesinde gazananlaryny başarnykly özleşdirip bilýän hünärmenleriň täze nesli kemala gelýär. Ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynyň dolandyrylyşy, maliýeleşdirilişi, gurluşy, hukuk binýady döwrebaplaşdyryldy.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda Türkmen döwlet maliýe institutynyň ýurdumyzyň orta hünär okuw mekdepleriniň arasynda ykdysadyýet we ekologiýa boýunça internet olimpiadalary geçirildi. Şeýle-de talyplaryň arasynda ykdysadyýet boýunça V onlaýn olimpiada guraldy. Bäsleşik, türkmen milli manadynyň dolanyşyga girizilmeginiň 30 ýyllygyna bagyşlandy. Sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde guralan bäsleşikde, ýurduň 16 sany ýokary okuw mekdebinden jemi 64 talyp bir ýere jemlendi we aýratynlykdaky we toparlar üçin niýetlenen ýumuşlar hödürlendi. Olimpiada talyplary ykdysadyýeti öwrenmäge höweslendirmek we ýaş alymlary ýüze çykarmak, şeýle hem innowasiýa tehnologiýalaryny ulanmak arkaly talyplaryň özara gatnaşygyny giňeltmek maksady bilen geçirildi.

Ýurdumyzyň maliýe instituty ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda dürli derslerde olimpiadalary yzygiderli geçirýär. Has zehinli we başarnykly okuwçylary ýüze çykarmak, ýaşlaryň bilime we dürli ylymlary öwrenmäge islegini höweslendirmek, geljekde milli ykdysadyýetimiziň ösüşine mynasyp goşant goşjak ussat hünärmenleri taýýarlamak akyl-paýhas bäsleşiklerini geçirmegiň esasy maksady bolup durýar.

**Meret MEREDOW,**
**Ymamguly REJEPOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymlary.*

## Gahryman Serdarly bagtyýar ýaşlar ynamly öňe barýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**SYLAGLAMAK DABARASY GEÇIRILDI**

Halkara ylmy-amaly maslahatyň ahyrynda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda aýratyn tapawutlanan ýaşlary döwlet sylaglary bilen sylaglamak dabarasy boldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, ýurdumyzyň halk hojalygy toplumynyň ähli pudaklarynda



üstünlikli zähmet çekýän ýaşlar sylaglanyldy.

Soňra şu ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde döredijilik bilen meşgullanýan 35 ýaşa çenli ýaşlaryň arasynda yglan edilen «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi. Döwlet Baştutanymyzyň Kararyna laýyklykda, bäsleşigiň ýeňijilerine Türkmenistanyň Prezidentiniň altyn zynjyry we pul baýragy gowşuryldy.

Şeýle hem bu ýerde türgenleri, hususan-da, şu ýylyň noýabr aýynda Aşgabatda geçirilen Kuraş boýunça 14-nji Dünýä çempionatynda ýokary netijeleri gazanan türgenleri, olary bu iri halkara ýaryşa taýýarlamaga şahsy goşant goşan tälimçileri sylaglamak dabarasy boldy. Dünýäniň dört yklymynyň – Aziýanyň, Afrikanyň, Ýewropanyň, Günorta we Demirgazyk Amerikanyň wekillerini paýtagtymyzda jemlän Kuraş boýunça Dünýä çempionatynyň netijelerine görä, türkmen kuraşçylary erkekleriň arasynda ýedi, zenanlaryň arasynda sekiz, jemi 15 agram derejesinde 15 medal gazandylar. Munuň özi ýurdumyzyň sport ulgamynda gazanylan nobatdaky üstünlikdir. Türgenlere hem-de ýurdumyzyň tälimçi-mugallymlaryna sowgat hökmünde 2 sany «Toyota Camry V6» we 5 sany «Toyota Fortuner SR5» kysymly 2023-nji ýylda öndürilen awtoulagyň açarlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Hormatly Prezidentimiziň Buýrugyna laýyklykda, futbol boýunça Türkmenistanyň çempiony we ýurduň Kubogynyň eýesi bolan «Arkadag» futbol toparyna «MAN RR3 19.440 EEV» kysymly awtobusyň açary gowşuryldy. Agşam Türkmenistanyň hem-de daşary ýurtlaryň sungat ussatlarynyň bilelikdäki baýramçylyk konserti geçirildi.

28-nji dekabrda bolsa şu ýylda aýratyn tapawutlanan ýaşlara hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň sowgatlaryny, şahadatnamalary hem-de diplomlary gowşurmak dabarasy geçirildi.

## Global nawigasiýasyny döredýär

Hytaý «BeiDou» emeli hemra nawigasiýa ulgamynyň (BDS) bir bölegi boljak iki emeli hemrany kosmosa uçurdy. Emeli hemralar «BeiDou» torunyň 57-nji we 58-nji böleklerini emele getirer. Bu uçuşyň hytaýly inženerler tarapyndan işlenip taýýarlanan «Long March» raketasy arkaly amala aşyrylan 504-nji şowly uçuşdygy mälim edildi.



Bu tory döretmek üçin ilkinji emeli hemra 2000-nji ýylda uçuryldy. Dört emeli hemradan ybarat bolan «BDS-1» tory döredilenden soňra 20 emeli hemradan emele gelen «BDS-2», 5 emeli hemradan durýan «BDS-3S» we 34 emeli hemrasy bolan «BDS-3» tory döredildi. Hytaýdan başga-da ABŞ-nyň (GPS), Russiýanyň (GLONASS) we Ýewropa Bileleşiginiň («Galileo») global nawigasiýa ulgamy bar.

**Aýlar AKMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Emeli aň adamyň rekordyny täzeledi

Şweýsariýaly hünärmenler tarapyndan işlenip taýýarlanan emeli aňly robot labirint oýnunda 35 ýyldan bäri saklanýan rekordy täzeledi. «CyberRunner» atly robot bu oýny 15,41 sekuntda tamamlan we bu ugurda rekordyň eýesi bolan Goran Daniýelssondan ozup, 14,48 sekuntda tamamlady.



Şeýlelikde, emeli aňly robot bu oýunda adamdan öňe geçip, fiziki we akyl talap edýän oýunda kämilleşip biljekdigini görkezdi. Ýörite tagtanyň üstünde oýnalýan bu oýunda topjagazy labirint görnüşli päsgelçiliklerden geçirip, boşluklara düşürmezden pellehana ýetirmeli. Robot bu oýny öwrenmäge we onda kämilleşmäge barýyny alty sagat taýýarlanypdyr. Ünslülik we sabyrly bolmagy talap edýän bu oýunda emeli aň diňe akyl taýdan däl, eýsem, fiziki tarapdan hem has ukyply bolup biljekdigini ýüze çykardy.

**Mähri AKYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Hoş geldiň Diýara, Täze ýyl!

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

2023-nji ýylda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda berkarar Watanymyza uly ösüşler, ýeňişli menziller ýar boldy. Baýramçylyk lybasyna bürenen ýurdumyzda özboluşly binagärlik aýratynlygy Täze ýylyň şatlyk-şowhuny bilen utgaşýar. Täze ýylyň joşgunny, çagalaryň şadyýan gülküleri daş-töweregi gurşap alýar. Durmuşa geçirýän belent başlangyçlary bilen il-halkyny täze belentliklere alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynsanperwer döwlet syýasaty, beýik işleri kalplarda ruhubelentlik duýgusyny joşdurýar.



Halkymyzda toý-baýramlarda, şanly senelerde baýramçylyk saçaklaryny dürli naz-nygmatlar bilen bezemek asyrlardan bäri dowam edip gelýän asylly däbimizdir. Täze ýyl baýramçylygy mynasybetli ak bazarlarymyzyň, söwda nokatlarynyň halkyň sarp edýän gündelik harytlary, Täze ýyl sowgatlary we beýleki önümler bilen has-da baýlaşmagy bereketli türkmen saçaklarymyzyň bolçulygyny artdyrýar. Bu babatda ýurdumyzyň söwda toplumynyň edaralarynyň zähmetsöýer işgärleriniň tagallalary bilen paýtagtymyzyň, Arkadag şäheriniň we ýurdumyzyň welaýatlarynyň ak bazarlarynda we söwda merkezlerinde baýramçylyk söwdasy has-da gyzgalaňly dowam edýär. Türkmen telekeçilerimiz tarapyndan öndürilen dürli önümler bilen baýlaşan bazarlaryň häzirki günlerde mähellesi has-da köpelýär. Bu görnüşler bolsa döwletimize we döwrümize bolan buýsanjymyzy has-da artdyryp, şeýle ajaýyp zamanany peşgeş beren Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza bolan alkyşlarymyzy goşalandyrýar.

**Gülşat ANNANYÝAZOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Ynsanperwerligiň belent nusgasy

Golaýda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň nobatdaky mejlisiniň geçirilmegi ähli halkymyzda buýsanç döretdi. Bu mejlisiň Täze ýyl baýramçylygynyň öň ýanynda geçirilmeginiň çuňňur manysy bar. Munuň özi biziň ýurdumyzda ähli tutumly işleriň il bähbidine, ynsan bagtyna gönükdirilendiginiň aýdyň beýanyna öwrüldi.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna howandarlyga mätäç çagalaryň köp sanlysyna operasiýalaryň geçirilmegi bilen, olaryň aýaga galandyklary, ençemesiniň birnäçe keseller boýunça barlag bejergilerini alandyklary, derman serişdeleri bilen üpjün edilendigi halkymyzyň asylly ýörelgeleriniň Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan dowam etdirilýändiginiň güwäsidir. Arkadag şäherinde gurlan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi bolsa çagalarda dürli ýokanç däl keselleriň we şikesleriň ýöriteleşdirilen bejergisinden soňra dikeldiş çärelerini geçirmekde möhüm orun eýeleýär. Ol hossarlyga we howandarlyga mätäç, akyl we beden taýdan ösüşine goldaw zerurlygy bolan çagalarda irki ösüş amallaryny geçirmek, olarda şahsy başarnyklary ösdürmek we saglygy goraýyş kömegini bermek üçin niýetlenendir.

Gaznanyň serişdeleriniň hasabyna ýurt boýunça howandarlyga mätäç çagalaryň hossarlarynyň ýüz tutmagy bilen, jemi 260 operasiýa geçirildi. Şol sanda 117 sany ýürek-damar keselleri, 102 sany ortopedik keseller we beýleki birnäçe keseller boýunça barlag bejergileri alnyp baryldy. Mundan başga-da, 47 sany çagada saglygy goraýyş-öňüni alyş barlaglary geçirildi. 54 sany çaga saglygy goraýyş maksatly serişdeler bilen üpjün edildi.



Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň yzygiderli tagallalary netijesinde, gaznanyň müdiriýeti tarapyndan asylly, sahawatly işler amala aşyryldy. Bu bolsa köp sanly näsag çaganyň saglygynyň dikeldilmegini üpjün etdi. Şeýle-de howandarlyga mätäç çagalara birnäçe keseller boýunça bejergiler amala aşyryldy we saglygy goraýyş, öňüni alyşanyklaýyş çäreleri geçirildi. Mundan başga-da, mätäçlik çekýänler üçin lukmançylyk serişdeleri satyn alyndy. Munuň özi ýurdumyzda «Döwlet adam üçindir!» diýen asylly şygary baş ýörelge edinýän durmuş syýasatynyň uly rowaçlyklara beslenýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

**Atabaý MOMMYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Germaniýanyň yzyndan ýeter

Beýik Britaniýanyň geljek 15 ýylda ykdysady taýdan Ýewropanyň iň gurply ýurdy bolan Germaniýanyň yzyndan ýetjekdigi bellenildi. Londonda ýerleşýän «Centre for Economics and Business Research» (CEBR) maslahat beriş kompaniýasy Birleşen Patyşalygyň jemi içerki önüminiň 2038-nji ýyla çenli 1,6-1,8 göterim aralygynda ösjekdigini, bu ýagdaýyň, dünýäde ykdysady taýdan altynjy orny saklamaga ýardam etjekdigini çaklaýar. Bu barada taýýarlanan çaklamada ýurduň ösüşiniň Ýewro sebitindäki ykdysady taýdan uly dört ýurduň (Fransiýa, Germaniýa, Italiýa we Ispaniýa) ählisinden çalt ösjekdigi çaklanylýar. Emma ösüş tizligi ABŞ-dan az bolar.

**Döwran HOJAGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 29-y, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113091
Belgisi: 52/1566
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# TÄZE DEMIR ÝOL GURUP BAŞLADY

Gazagystanyň Abaý sebitinde uzynlygy 272 kilometr bolan täze demir ýoluň gurluşygyna başlandy. Ýurduň Premýer-ministri Alihan Smaýlow wideokonferensiýa ulgamy arkaly gurluşyk taslamasyna resmi taýdan badalga berdi. Bu taslama döwlet Baştutany Ka-



sym-Žomart Tokaýewiň Gazagystanyň ulag we üstaşyr mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak baradaky tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişiniň çäginde durmuşa geçirilýär. Täze demir ýoluň gurluşygynda «Bagty – Çuguçak» üçünji serhet geçelgesini açmak meýilleşdirilýär.

Häkimiýetler täze demir ýoluň Gazagystan bilen Hytaýyň arasyndaky ýük dolanyşygyny 28 milliondan 48 million tonna çenli artdyrmaga hem-de günorta barlag nokatlarynda dyknyşyklary aradan aýyrmaga mümkinçilik berer diýip garaşýarlar. Demir ýoluň 2027-nji ýylda işe girizilmegi meýilleşdirilýär.

Döwlet metbugat gullugynyň habaryna görä, gurluşygyň dowamynda 11 stansiýa, 47 köpri, 23 demir ýol we 8 awtoulag geçelgesi, 5 pyýada köprüsi we 16 barlag nokady gurlar.

Premýer-ministr 2022-nji ýylda iň köp ýüküň – 245 milliard tonna ýüküň demir ýol bilen daşalandygyny aýtdy. Geosyýasy şertlere we infrastruktura çäklendirmelerine garamazdan, bu ýokary görkeziji şu ýyl hem saklanyp galdy.

– Soňky bäş ýylda konteýner tranzit gatnawynyň mukdary 3,2 esse artdy. Bar bolan tranzit geçelgeleri giňelýär we täzeleri açylýar. Transhazar halkara ulag ýoly, Demirgazyk-Günorta we Günorta geçelgeler aýratyn ähmiýete eýedir – diýip, Alihan Smaýlow aýtdy.

Gazagystanyň Hökümetiniň maglumatlaryna görä, häzirki wagtda infrastrukturanyň hyzmat ediş mümkinçiligi we kuwwaty öz çägine ýetdi. Demir ýol pudagynda bu strategiki möhüm meseläni çözmek üçin döredilen birnäçe infrastruktura taslamalary bar. Öňümizdäki üç ýylda ýurtda 1,3 müň kilometrden gowrak demir ýol gurlar.

# Baýdagynyň şekilini üýtgetdi

**Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Žaparow Žogorku Keneş (parlament) tarapyndan kabul edilen «Gyrgyz Respublikasynyň döwlet nyşanlary baradaky» Gyrgyzystanyň kanunyna üýtgetmeler girizmek baradaky kanuna gol çekdi.**



**Bu kanun Gyrgyz Respublikasynyň esasy döwlet nyşanlaryndan biri bolan ýurduň baýdagyny kämilleşdirmek maksady bilen kabul edildi. Kabul edilen kanun esasynda Gyrgyz Respublikasynyň baýdagyndaky tolkun görnüşli Gün şöhleleriniň şekili göni görnüşe geçirildi.**

**Şeýle hem kabul edilen kanunda Gyrgyz Respublikasynyň döwlet baýdagy şekillendirilen ähli resminamalaryň hereket ediş möhletiniň gutarýança öz güýjünde galjakdygy, ýurduň döwlet baýdagy şekillendirilen awtoulag belgileri we awtoulag serişdeleriniň belligе alyş şahadatnamalary degişli edara olary çalyşmak kararyna gelýänçä hereket etjekdigi göz öňünde tutulýar.**

**Gyrgyzystanyň öňki baýdagyndaky ak öýüň tüýnüginiň töwereginden Günüň tolkun şekilli 40 sany sary şöhlesi dürli tarapa ýalkym saçýardy. Baýdagyň täze görnüşinde bolsa, bu şöhleler buýra görnüşden göni görnüşe geçirildi. Baýdagyň gyzyl reňkli düşegi saklanyp galdy. Gyrgyzystanyň milli baýdagynyň öňki nusgasy ýurduň garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda – 1992-nji ýylyň mart aýynda Respublikanyň parlamentiniň deputatlary tarapyndan kabul edilip, şondan bäri üýtgedilmändi.**

# EKO-AWTOULAGLAR SATYLAR

Kanadanyň daşky gurşaw we howanyň üýtgemeginiň meseleleri boýunça ministri Stiwen Gilbo 2035-nji ýyldan başlap, benzin ýa-da dizel bilen işleýän ýeňil awtoulaglaryň satylmagyny gadagan etmegiň meýilleşdirilýändigini aýtdy. Olaryň ýeri elektroulaglardyr zarýad berilýän gibridler bilen doldurylar. Maksat kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny nol derejä çenli azaldylmagyny gazanmakdan ybarat.



Ýurtda bu meýilnamany durmuşa geçirmek üçin taýynlyk görlüp başlandy we ol tapgyrlaýyn durmuşa geçiriler. Her bir awtoulag öndüriji ilki bilen az hem bolsa, elektrik hereketlendirijili ýa-da gibrid awtoulaglary bazara hödürlemeli bolar. 2026-njy ýylda şeýle eko-awtoulaglaryň paýy 20%, 2027-nji ýylda 25%, 2028-nji ýylda 34%, 2029-njy ýylda 43% we 2030-njy ýylda 60% bolmaly. 2035-nji ýylda 100%-e ýetýänçä bu görkeziji ýokarlandyrylar. Gilbonyň sözlerine görä, täze düzgünler diňe bir kiçi göwrümli modellere däl, eýsem, ýolsuz ýerden ýöreýän ulaglara hem degişli bolar.

Bu üýtgeşmeler 2025-nji ýyldan soň guruljak ýaşaýyş jaýlaryna hem degişli bolup, olarda zarýad beriş beketleri ýerleşdiriler. Şeýle hem döwlet satuw maksatnamalaryny artygy bilen ýerine ýetiren awtoulag öndürijilerine goldaw çärelerini gaýgyrmaz diýip, «CBS News» habar berýär.

# DÜNÝÄDE IŇ GÜÝÇLÜSI BOLDY

Ispaniýanyň pasporty dünýäniň 199 pasportynyň içinde iň güýçlüsi boldy. Bu barada «VisaGuide. World Passport Index» edarasynyň soňky sanawynda mälim edilýär.

Ispaniýanyň pasporty 43 ýurda erkin girmäge, 106 ýurda bolsa wizasyz girmäge hukuk berýär. Mundan başga-da, Ispaniýanyň raýatlary 11 ýurda syýahat üçin rugsat (eTA) bilen, 30 ýurda bolsa gümrük nokadynda wiza bilen we 18 ýurda bolsa onlaýn wiza bilen girip bilerler. Ispaniýanyň raýatlaryndan 199 ýurtdan diňe 18 ýurda gitmek üçin adaty wiza talap edilýär.



Sanawda Singapur ikinji, Germaniýa üçünji, Italiýa dördünji, Fransiýa bäşinji ýerde.

Indeksdäki ilkinji 40 orundan diňe dokuz pasport Ýewropa Bileleşigine, ýagny Şengene degişli däl. Olaryň arasynda: Singapur 2-nji, Ýaponiýa 15-nji, Koreýa Respublikasy 27-nji, Beýik Britaniýa 28-nji, Täze Zelandiýa 29-njy, Awstraliýa 34-nji, Kanada 38-nji, Birleşen Arap Emirlikleri 39-njy, ABŞ 40-njy orny eýeleýär.

Şeýle hem şu ýylyň fewralynda Ýaponiýanyň, Singapuryň we Italiýanyň pasportlary iň täsirli pasportlar bolupdy.

# YKDYSADY ÖSÜŞ BARADA TÄZE JARNAMA

2030-njy ýyla çenli Ýewraziýa Ykdysady Bileleşiginiň çäginde we 2045-nji ýyla çenli döwür üçin ykdysady prosesleriň mundan beýläk-de



ösdürilmegi baradaky Jarnama Russiýanyň, Ermenistanyň, Belarusuň, Gazagystanyň we Gyrgyzystanyň döwlet Baştutanlary tarapyndan 26-njy dekabrda Sankt-Peterburgda gol çekildi. Bu barada Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň metbugat gullugy habar berdi.

Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putiniň Ýewraziýa Ykdysady Geňeşiniň mejlisinde belläp geçişi ýaly, Jarnamada esasy pudaklarda bilelikdäki tagallalary güýçlendirmek üçin aýratyn çäreler göz öňünde tutulýar, şeýle hem howa meselesi, lukmançylyk, syýahatçylyk we beýleki ugurlar ýaly özara gatnaşyklaryň goşmaça ugurlary kesgitlenilýär.

Şeýle hem duşuşykda «2024-2025-nji ýyllar üçin makroykdysady syýasatyň esasy ýörelgeleri», «2024-nji ýylda Ýewraziýa Ykdysady Bileleşiginiň halkara işleriniň esasy ugurlary» we beýleki resminamalar tassyklandy.

– 2023-nji ýylyň dokuz aýynda Ýewraziýa Ykdysady Bileleşiginiň bäş ýurdunyň arasyndaky söwda 8,9% ýokarlandy. Şol bir wagtyň özünde, taýýar ýokary tehnologiýaly önümleriň üpjünçiligi has-da artyp, çig malyň paýy azalýar – diýip, Wladimir Putin belledi.

# DÜNÝÄ HABARLARY

## gysga setirlerde

**Biodürlülik sammiti geçiriler.** 2024-nji ýylyň 21-nji oktýabryndan 1-nji noýabry aralygynda Kolumbiýada biodürlülik boýunça sammitiň (COP16) geçiriljekdigi mälim edildi. Bu barada ýurduň Daşary işler ministrligi habar berdi. Kolumbiýada guraljak halkara maslahata dünýäniň 200-den gowrak ýurdundan wekiliýetler gatnaşar.



**2023-nji ýylyň sözüni saýlady.** «Gramota.ru» portaly «neýroulgam» sözüni 2023-nji ýylyň sözi hökmünde saýlady. Bu söz 75%-den gowrak ses aldy. Onuň yzyndan GPT (58%), «baza» (43%) we «gaýdyp gelijiler» (41%) gelýär. Bellenilişi ýaly, ýylyň sözüni saýlamakda möhüm görkeziji onuň rus dilinde ýeterlik derejede ulanylmagy boldy.



**Iň gowy howa menzilini saýlady.** Amerikan syýahat žurnaly «Global Traveler» ses berişlik arkaly Türkiýäniň «IGA Istanbul Airport» howa menzilini iň gowy howa menzili hökmünde saýlady. Ses bermäge 500 müňe golaý okyjy gatnaşdy. Ýeňiji «GT Awards» baýrak gowşuryluş dabarasynda gutlandy.



# TARYHDA ŞU GÜN

**2022-nji ýylyň 29-njy dekabrynda braziliýaly meşhur futbolçy, futbolyň şasy hasaplanýan Pele 82 ýaşynda aradan çykdy. Hakyky ady Edson Arantis du Nasimentu bolan Pele FIFA tarapyndan Diego Maradona bilen bilelikde XX asyryň iň gowy futbolçysy saýlanyp, ol Dünýä Kubogyny 3 gezek gazanan ýeke-täk futbolçydyr.**



# TÄZE ÝYL TAGAMLARY

**Bosagada Täze ýyl. Hemmeleriň sabyrsyzlyk bilen garaşan baýramçylygy ýetip geldi. Bezelen arça, şatlykly ýüzler, birek-birege ýollanýan gutlag sözleri, aýdym-sazly dabaralar – bular Täze ýyla mahsus alamatlar bolup, her bir öýde baýramçylyk tagamlary taýýarlanýar. Öý bikeleri dürli tagamlardyr işdäaçarlar we süýjülikler bişirip, baýramçylyk saçagyny bezeýärler. Gazetimiziň şu sanynda dünýäniň dürli ýurtlarynda Täze ýyl üçin taýýarlanýan tagamlar baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**



**«Hoppin' Jon», ABŞ.** Amerikanyň günorta böleginde giňden ýaýran «Hoppin' Jon» Täze ýyl baýramçylygynda iýilýän däp bolan tagamlaryň biridir. Diňe Täze ýyl agşamynda taýýarlanylýan bu tagam baýlygyň nyşany hasaplanýar. Nahara et dogramçalary, nohut ýa-da noýba, tüwi bilen birlikde, gök önümlerdir owradylan mekgejöwen çöregi hem goşulýar. Naharyň taryhy we ady bilen baglanyşykly dürlüçe garaýyşlar bar. Täze ýylda bişirilýän bu tagamyň Afrikadan Hindistana, ol ýerdenem Amerika getirilendigi aýdylýar. Günorta amerikalylar «Hoppin' Jon» täze ýylda üstünlik getirýär diýip hasaplaýarlar.



**Üzüm, Ispaniýa.** Ispanlar Täze ýyly garşy almak üçin adatça Madridiň meşhur meýdançasy bolan «Puerta del Soldaky» sagat diňiniň öňünde ýygnanýarlar. Ispaniýada Täze ýyl baýramçylygynyň iň täsin däpleriniň biri hem sagadyň dilleri 12-ä ýetip, jaň kakylanda 12 sany üzüm iýmekdir. Täze ýyly meýdançada garşylaýan we göni ýaýlymda öýlerinde tomaşa edýän ispanlar bu däbi ýylyň-ýylyna dowam etdirýärler. Täze ýylda üzüm iýmek däbiniň XX asyrda ýurduň günorta bölegindäki üzümçiler tarapyndan başy başlanyp, ispan dilli beýleki ýurtlara ýaýrapdyr. Baýramçylyk güni plastmas bulgura salnan we çöpjagaza düzülen 12 däne üzüm satylýar.



**Tamales, Meksika.** Gyýlan et we peýnir bilen doldurylyp, mekgejöwen ýa-da banan ýapragyna dolanan tamales meksikalylaryň Täze ýylda iýýän meşhur tagamlarynyň biridir. Öý bikeleri kiçijik bukja görnüşinde taýýarlan tagamyny baýramçylyk saçagyna goýmak bilen bir hatarda, dostlaryna we goňşularyna hem paýlaýarlar. Tamales Täze ýyl agşamynda mekgejöwen işdäaçary we menudo çorbasy bilen bilelikde hödür edilýär.



**Panettone çöregi, Italiýa.** Italiýadan Günorta Ýewropa ýurtlaryna, Latyn Amerikasyna, soňra Amerika we Awstraliýa ýaýran Täze ýyl tagamlarynyň biri hem panettone çöregidir. Süýji bolany üçin käbir adamlar bu iýmiti «tort» diýip hasaplasa-da, hamyrmaýa goşulyp taýýarlanýandygy üçin bu iýmit çörek hökmünde kabul edilýär. Ýumşak çöregiň hamyryna hoşboý ys bermek üçin mandarin, limon gabygy hem-de kişmiş goşulyp, birnäçe gün dolanyp goýulýar. Panettone bişende 15 santimetre çenli çişýär. Gümmezli çöregiň üstüne owradylan maňyz sepilip, owadan kagyz bilen gaplanyp, lenta bilen «bilinden bogulýar».



**Oliebollen, Niderlandlar.** Ýagda gowrulan şarjagazlar Niderlandlarda Täze ýyl gijesi iýilýän iň gowy köçe tagamlarynyň biridir. Köçe satyjylary pişmä meňzeş bu tagamy taýýarlamak üçin çişirilen tokga hamyryň içine smorodina ýa-da kişmiş salyp, ýagda gowurýarlar we üstüne şeker külkesini sepýärler.



**Soba naharlary, Ýaponiýa.** Ýapon maşgalalary Täze ýyl gijesinde «köne ýyl» bilen hoşlaşmak we täze ýyly garşylamak üçin greçka unundan taýýarlanan spagetti gaýnadyp, içine dürli gök önümleri goşýarlar. Täze ýylda soba bişirmek däbi XVII asyra degişli bolup, ýapon medeniýetinde goňrumtyl uzyn spagettiler hasyllylygy we uzak ömri alamatlandyrýar. Ýaponlar Täze ýyl baýramçylygynda greçka unundan süýjülikler hem bişirýärler.



**King süýjüligi, Ýewropa ýurtlary.** «Patyşa torty» diýmegi aňladýan bu süýjülik Ýewropa ýurtlarynda Täze ýyl güni taýýarlanyp, ýarygije iýilýär. Bu süýjülik ýukajyk hamyrdan dolanyp, tegelek görnüşinde bişirilýär hem-de üstüne dürli reňkli krem çalynýar. Daşyndan älemgoşara meňzeýän bu süýjüligiň tapawutly tarapy içinde gizlenen altyn teňňe bolup, pul kimiň paýyndan çyksa, şol adam geljek ýylda baý bolýar diýlip ynanylýar. Täze ýyl gijesi teňňe tapmak däbi irki döwürlerden bäri dowam edip gelýän ynançlaryň biridir.

# ARÇA BEZEMEK DÄBI



**Täze ýyl diýlende, ilki bilen, göz öňüňe gelýän zat baýramçylyk arçasydyr. Köp ýurtda dekabr aýynyň gelmegi bilen seýilgählerde, dynç alyş merkezlerinde we köçeleriň ugrunda bezelmegi däbe öwrülen Täze ýyl arçalary peýda bolýar. Ilkibaşda alma bilen bezelen arçalar soňlugy bilen oýnawaç satýan dükanlaryň başlangyjy bilen ýalpyldawuk şarjagazlar, oýnawaçlar hem-de ýanyp-öçýän çyrajyklar bilen bezelip başlanýar. Eýsem, arça bezemek däbi nireden gözbaş alýar?**

Gadymy döwürlerde adamlar tebigy durmuşda ýaşap, agaçlaryň miwesini iýipdirler, çybyklaryndan çatma, bukalgalar gurupdyrlar, ýyrtyjy jandarlardan goranmak üçin uly agaçlaryň köweginde gizlenipdirler. Umuman, tebigatda adama iň ýakyn zat agaç bolupdyr. Ilkidurmuş adamlary agaçlarda bir güýjüň, gudratyň bardygyna ynanypdyrlar. Ylmyň we medeniýetiň ornaşmagy bilen adamlar tebigy hadysalara has aýdyň göz ýetirip başlapdyrlar. Ýylyň iň uzyn gijesinde gündiziň gijeden üstün çykyp, ýene-de ýaşaýşyň dowam etmegi üçin dileg edipdirler. Bu hadysa 21-nji dekabrda bolup geçip, ertesi gün uzap başlanypdyr. Olar muňa Gün ýeňiş gazandy diýip düşünipdirler hem-de muny bellemek üçin agaç bezäp, aşagynda her dürli iýmitdir azyk önümlerini goýupdyrlar. Taryhçylar bu däbiň ilkibaşda Mesopotamiýada ýüze çykandygyny belleýärler. Assiriýalylar butparazçylyk ynanjyna görä, ýylboýy ýapragyny dökmeýän arça we serwi agaçlaryny hasyllylygyň we bakylygyň nyşany hasaplapdyrlar. Bu agaçlary bezemek bilen öndürijiligiň ýokarlanjakdygyna ynanypdyrlar. Hytaýdyr Müsürde hemişe gök öwüsýän agaçlar bakylygyň nyşany hasaplanypdyr. Soňlugy bilen arça bezemek däbi Isa pygamberiň doglan güni bilen baglanyşdyrylyp başlanýar. Skandinaw ýurtlary arça bezemek däbini gyş paslynyň gelmeginiň alamaty hem-de guşlar üçin öýjagaz ýasamak diýip düşünýärler. Bezelen agajy tokaýda däl-de, öýüň içinde ýa-da girelgesinde goýmagyň has köp şowlulyk we bereket getirýändigine ynanypdyrlar.

Taryhdaky iň gadymy Täze ýyl baýramçylygy Wawilonda geçirilipdir. Täze ýyl mart aýynyň ahyryna gabat gelip, öňki ýyllardan galan ösümlikler ýygnalyp, ýere täzeden tohum sepilipdir. Baýramçylyk 11 günläp aýdym-saz we tans dabaralary bilen dowam edipdir. Umuman, Täze ýylda arça bezemek däbi adamlaryň tebigata bolan söýgüsi we baglanyşygy esasynda ýüze çykypdyr.

# SIZ HEM TANYŞLARYŇYZYŇ ADYNY ÝATDAN ÇYKARÝAŇYZMY?

**Munuň näçe gezek bolandygy ýadymda däl. Ilkinji gezek haçan ýüze çykandygyny hem bilemok. Täsin ýeri, tanaýan adamlarymyň atlaryny, tanyş ýüzleri käte ýatdan çykarýaryn. Birnäçe ýyl mundan ozal okan çeper eserimdäki ýa-da tomaşa eden filmimdäki gahrymanyň adyny, keşbini badabat aýdyp bilerin. Emma...**



Güýçli stresden soň ýa-da garrylyk alamatlary bilen bagly ýüze çykýan bu hadysa adamlary oňaýsyz ýagdaýa salýar. Adamlaryň adyny, ýüz keşbini ýatda saklamak bilen bagly geçirilen barlaglarda ýatda saklamak isleýän adymyzy durmuşdaky käbir zatlar bilen baglanyşdyryp, beýnä ornaşdyrsak has uzak wagt ýatda galýandygy ýüze çykaryldy. Bilermenleriň bellemegine görä, adamyň ylymbilim derejesini ýokarlandyrýan maglumatlaryň beýnide artmagy bilen hem-de ýaşyň gitdigiçe tanaýan adamlarymyzyň atlary ýatdan çykyp ugraýar. Ýogsam, adam beýnisiniň ýady 70 terabaýta barabar, ýagny 300 ýyllyk ýazgy etmek ukyby bar.

Adam çagalygyndaky wakalary hiç haçan ýatdan çykarmaýar. Munuň sebäbi çagalykda aňyň has durulygy bilen düşündirilýär. Atlary ýatdan çykarmak garrylyk alamatlary bilen hem bagly bolup, bu ýagdaýyň öňüni almak üçin gündelik ýöretmeli. Her gün ýerine ýetiren işleriň, gezelenç eden ýerleriň we tanşan adamlaryň baradaky ýatlamalary depdere ýazmaly. Gündelik ýöretmek ýazyjylara mahsus endik bolsa-da, muny her kim ýola goýup biler. Ýaşyň bir çene baran çagy gündelikleriň bilen gaýtadan tanyşmak, adamy ýatlamalar dünýäsine äkidýär. Ýat ýiten maglumatlary gaýtadan dikeldip, köneleri ýatlamaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, tanaýan adamlaryň suratyny saklamak, dostlaryň adyny durmuş bilen baglanyşdyrmak hem olary ýatdan çykarmazlyga kömek edýär.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

## Edebiýat habarlary



**Buker baýragynyň eýesi.** 2023-nji ýylyň Buker baýragyna 46 ýaşly irland ýazyjysy Pol Linç «Pygamberiň aýdymy» (Prophet Song) romany üçin eýe boldy. Buker baýragynyň uzyn sanawyna giren 13 roman, soňra gysga sanawa giren 6 roman, Beýik Britaniýada we Irlandiýada 2022-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri neşir edilen 163 eseriň içinden saýlanyp alyndy. Ýazyjy öz romanynyň bosgunlaryň meselesine täsir edendigini aýtdy.



**Gonkur baýragy berildi.** 2023-nji ýylyň Gonkur baýragy Žan-Batist Andrea berildi. Ýazyjy 2023-nji ýylda çykan «Oňa esewan bol!» (Veiller sur elle) romany üçin Fransiýada iň ýokary edebi baýraga mynasyp boldy. Abraýly diplom bilen birlikde laureat däbe görä, bary-ýogy 10 funt sterling baýrak aldy. Şeýle-de ýeňiji kitabyny gaýtadan çap etdirmek we daşary ýurt dillerine terjime etdirmek üçin ep-esli galam haky aldy.



**225 ýyllygy belleniler.** 2026-njy ýylda Russiýa Federasiýasynda ýazyjy, etnograf we leksikograf Wladimir Dalyň (1801 – 1872) doglan gününiň 225 ýyllygy giňden belleniler. Ýubileýi bellemek baradaky Karara Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin gol çekdi. Öňümizdäki aýlarda baýramçylyga taýýarlyk görmek we geçirmek üçin guramaçylyk komiteti döretdiler. Wladimir Dal rus edebiýatyna ägirt uly goşant goşan şahsyýetleriň biridir.



**140 ýylda ýazylan sözlük.** Şwesiýada ýazmak üçin 140 ýyl sarp edilen akademiki sözlük çap edildi. 1883-nji ýylda ýazylyp ugran sözlügiň üstünde uzak ýyllaryň dowamynda Şwesiýa akademiýasynyň 137 işgäri işledi. Şwed diliniň sözlüginiň iň soňky 39-njy jildi 20-nji dekabrda doly ýygyndysy bilen birlikde çap edildi. Şwed diliniň taryhy ensiklopediýasy hasaplanýan bu sözlük dünýäniň iň uly taryhy sözlügidir.



**«Alhimik» romany ekranlaşdyrylar.** «Legendary Entertainment» kinokompaniýasy braziliýaly ýazyjy Paulo Koelonyň «Alhimik» romanyny ekranlaşdyrmak üçin hukuk gazandy. «Alhimik» romany ilkinji gezek 1988-nji ýylda neşir edildi. Kitap dünýäde iň köp satylan roman bolup, 117-den gowrak ýurtda neşir edildi we 81 dile terjime edildi. Ol Braziliýada iň köp satylan we iň köp terjime edilen eser hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.

# MAGTYMGULYNYŇ BEÝIKLIGINE DÜŞÜNIŞIM

...Magtymgulyny okamak üçin oňat taýynlyk görmeli, ony içiň gysanda ýa-da nämedir bir zat bilen wagtyňy geçirmek üçin okap bolmaýar. Bu şahyryň her sözüniň aňyrsynda umman ýaly many-mazmunyň ýatandygyndan bolsa gerek. Özüňi söweşe girjek ýaly derejede rastlamasaň, Magtymgulyny okamak mümkin däl. Eger şeýtmeseň, seniň alan galaň hem bolmaz, tutan guşuňam.



Adatça, däbi-de, dessury-da, dünýä akyl ýetirişi-de gabat gelýän halkyýetleriň ýaşaýan ymgyr çäginde — gadymy Gündogarda şygyr okamak geçmişde uly toý-dabara bolupdyr. Mysal üçin, patyşa-şalaryň köşklerinde şygyr agşamlary guralyp, olar uly tutum bilen taýýarlykly geçirilipdir. Şalar iň oňat goşgulary okanlara gymmatbaha halat-serpaý ýapypdyrlar. Şahyrlaryň bäsleşiginde ýüzugra adalatly şany, beýik hökümdary wasp etmekde ýaryşylypdyr, her jüpüne düşen şygyr bendinden, kasydadan soň hemmeler «Aperin, Berekella, Maşalla!» diýen sözleri dile getiripdir.

Muňa orta asyrlarda türkmen soltanlarynyň, mysal üçin, Soltan Sanjaryň şahyrlara nädereje-de sarpa goýandygy barada taryhy ýazgylaryň mysalynda-da göz ýetirmek bolýar.

Magtymgulynyň ilki bolup türkmen edebiýatynda arap-pars edebi diliniň şirin sözlerini garyp, çagataý dilinde goşgy ýazmak däbiniň öwezine arassa türkmen dilinde şygyr döretmek däbine ýol açandygyny hemmämiz bilýäris. Bu edebiýatymyzda hakyky özgerişlik boldy. Çünki Magtymguly özünden öňki şahyrlaryň hemme halatda düşnükli bolmadyk şygyrlaryny bütin halka düşnükli bolan türkmen dilinde ýazyp, milletiň kalbyna, köňlüne ýol açdy. Ol şeýdip, milli şahyr derejesine göterildi.

Magtymgulynyň döredijiligi umman kimin giň hem-de köptaraplydygyndan ötri, keşpleriň, ahwallaryň, duýgularyň ümmülmez galereýasydyr. Onda ynsan ähliniň kämillikde akyl ýetirip, özünde açyp biljek ahwallaryň, ol ýa-da beýleki mesele babatda çözgütleriň, netijeleriň beýanyny tapyp bolýar.

Magtymgulynyň näderejede beýik şahyrdygyny tebigaty ynsanyň ahwaly bilen sazlaşykda beýan edýän, şeýlelikde, suratlandyrylýan wakanyň, hadysanyň gabarasyna ähli duýgy syzgyrlygy bilen düşünmäge mümkinçilik berýän şygyrlarynyň mysalynda-da açmak mümkin. Şahyr adatça şeýle ýagdaýda tebigaty adamyň hyzmatynda goýýar. Mysal üçin:

***Baglar doňup galdy, ýagyşlar görmän,***
***Bulut bewl saldy, bu derde arman,***
***Zemin zaýa boldy, pelekler perman,***
***Jennet boldy çöller Çowdur han üçin.***

Ýa-da:

***Daglar başyn egdi, duman bürendi,***
***Ýeller galabilmän, ýerde süýrendi,***
***Aý-Gün batyp, gökde Myrryh göründi,***
***Bulutlar boldular baran, Çowdur han.***

Bu bentler ussadyň Çowdur hana bagyşlap ýazan iki şygryndan alyndy. Üns beriň, ähli zat hereketde, ähli zat ýerinden gozganypdyr, tebillenipdir. Hatda daglaram başyny egip, dumana bürenipdir, öwüsgin ýelleriňem mejaly galman, ýer bagyrtlap süýrenip ýatyr. Näme üçin, nämäniň hatyrasyna, elbetde, adamyň mertebesiniň, adamyň gymmatynyň hatyrasyna. Bu şahyryň ýokary ynsanperwerligindendir.

Türkmen halky irki döwürlerde akyldaryň şygyrlaryny okap ýa-da şygyrlaryna ýazylan aýdymlary diňläp, beýik söz ussadynyň:

***Kyýamatdan bir söz diýdim baýakda,***
***Garaw bardyr ýersiz urlan taýakda,***
***Zalymlar hor bolar, galar aýakda,***
***Garyp, sen ýyglama, şir dek bolar sen.***

— diýen setirlerinden ruhlanyp, hyjuwlanyp, derdine melhem, däri-derman tapyp, şahyry beýik ynsan derejesine göteripdir.

Şahyryň goşgularyny okasaň, öz döwrüniň ogly bolandygyna, bu dünýä öz ylmy, durmuş tejribesi, synlamak hem-de netije çykarmak üşügi bilen göz ýetirendigine ynanýarsyň. Ol türkmen döwletliligi barada çynlakaý oýlanan, muny arzuwlan hakyky watançydyr.

Bular meniň Magtymgula düşünişimiň birje ülşi. Şahyryň goşgular diwanyny ele alyp, «pikir derýasynda akyl gämimi ýüzdürip» başladygymsaýy beýnimi ýüzlerçe, belki müňlerçe pikir gaplap alýar. Onsoň, «Magtymgula nähili düşünýärsiň?» diýip sowal berseler, kürtdürip durýaryn-da, hiç hili jogap tapmaýaryn. Tapar ýalam däl...

**Hemra HUDAÝGULYÝEW.**







● **DIKLIGINE:** **1.** Filosofiýa ylmyndan hünärmen. **2.** Birine eden etmişi, günäsi üçin berilýän jeza, käýinç. **3.** Tropik miwe. **4.** Reňksiz optiki aýnanyň bir görnüşi. **5.** Elektrik çyrasy. **6.** Möhüriň bir görnüşi. **7.** Şaryň iki nokadyny birikdirýän göni çyzyk. **10.** Dunaý derýasynyň çep goşandy. **11.** Kömelegiň bir görnüşi. **12.** Elektrik güýjüni herekete getirmek üçin hyzmat edýän enjam. **13.** Arap elipbiýiniň bir harpy. **16.** Lakam (köne söz). **18.** Gadymy grek hor liriki poeziýasy. **20.** Dogumly, gaýratly. **22.** «Galynça bir merdiň ... zürýady, il içinde galsa ýegdir hup ady» (Aşyky). **26.** Yssy ýurtlarda ýaşaýan, gaty ylgamaga ukyply, uçup bilmeýän iň uly guş. **27.** Ýylan (köne söz). **29.** Ýöňkeme goşulmasy. **30.** Bir himiki düzümden beýlekä üýtgemän geçýän durnukly atomlar topary. **33.** Belli bir wagt aralygyny öz içine alýan döwür. **34.** Azat, erkana. **36.** San. **37.** Gyz ady. **38.** Birine ýa-da bir zada edilýän idi, alada.

● **KESELIGINE:** **1.** Amerikan ölçeg birligi. **3.** Jaýyň, zawodyň kiçi ölçegli nusgasy. **6.** Balygyň bir görnüşi. **8.** Italýan saz guraly. **9.** Sekiz aýakly deňiz jandary. **12.** Gönüden-göni baglanyşyk usuly bolmadyk enjamlary birikdirmek üçin niýetlenen gural. **14.** Ygtyýar. **15.** Sportuň bir görnüşi. **17.** Süýümi dokmaçylykda çig mal hökmünde ulanylýan ösümlik. **19.** ...-giç. **20.** «Akmak ... öý eýesine hödür eder» (nakyl). **21.** Wulkandan gelip çykýan tebigy mineral daş. **23.** Bir zadyň çylşyrymly gurluş täri, ýoly. **24.** Meýdanda erkin ýaşap ýören. **25.** Edeplilik, sypaýylyk. **26.** Elýaglyk (köne söz). **28.** Jaýyň üstüniň gümmezli bölegi. **31.** Günorta Sudanyň günorta-günbataryndaky şäher. **32.** Türkmen oýunlarynyň biri «...-Günterek». **35.** Portugaliýaly super ýyldyz futbolçy. **39.** Gazyk kakmak üçin ulanylýan uly çekiç. **40.** «Sürüden saýlanan goýun gurda ... bolar» (nakyl). **41.** Hala, egin-eşige salynýan bezeg. **42.** Aktýoryň sahna eseriniň haýsydyr bir gahrymany bolup janlandyrýan keşbi.









Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

## Bir sözlemde...

- NBA-da «Dallas Maweriksiň» myhmançylykda «Finiks Sansy» 128:114 hasap bilen ýeňen duşuşygynda ýeňiş gazanan topary slowenïýaly ýyldyzy Luka Donçiç 50 utuk geçirip, Maýkl Jordandan soň iň az oýunda 10 müň utuga ýeten (358 oýunda) basketbolçy boldy (bu ugurda ozalky rekord 236 oýunda 10 müň utuga ýeten Wilt Çemberleýne degişlidir)
- NBA-da öz meýdançasynda «Bruklin Nets» toparyndan 118:112 hasap bilen utulan «Detroit Pistons» bassyr 27-nji gezek utulyp, bu ugurda antirekordyň täze eýesi boldy (ozalky antirekordlar 26 ýeňliş bilen «Kliwlend Kawaliers» — 2010/11 hem-de «Filadelfiýa 76ers» — 2013/14 toparlaryna degişlidi).
- 46-njy Dakar Rallisi geljek ýylyň 5-nji ýanwarynda Saud Arabystanynyň Rubulhal çölünden badalga alyp, 5-nji gezek bu ýurtda guralýan ýaryşa ulaglaryň 6 görnüşi boýunça 400-e golaý sürüji gatnaşar we 7 müň 891 kilometrlik bäsleşik 19-njy ýanwarda Ýanbu diýilýän ýerde tamamlanar.
- Argentinaly super ýyldyz futbolçy Lionel Messiniň Katar 2022 Dünýä Kubogynda geýen 6 köýnekçesi Nýu Ýorkda geçirilen auksionda 7,8 million dollara satyldy.
- «Bundesliganyň» wekili «Leipsig» topary Italiýanyň çempiony «Napoli» toparynyň makedoniýaly ýarymgoragçysy, 24 ýaşly Elif Elmas bilen 2028-nji ýyla çenli şertnama baglaşdy.
- Fransiýanyň «L'Equipe» žurnaly serbiýaly tennisçi Nowak Jokowiçi ýylyň türgeni diýip saýlady.



## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*29-njy dekabr (anna)*

**Napoli – Monza (22:30)**
**Galatasaraý – Fenerbahçe (22:45)**
**Jenoa – Inter (00:45)**

*30-njy dekabr (şenbe)*

**Seltik – Reýnjers (17:30)**
**Luton – Çelsi (17:30)**
**Aston Willa – Börnli (20:00)**
**M. Ýunaýted – Şeffild Ýunaýted (20:00)**
**Milan – Sassuolo (22:00)**
**Nottingam – Man. Siti (22:30)**
**Al-Taawun – Al Nassr (23:00)**
**Ýuwentus – Roma (00:45)**

*31-nji dekabr (ýekşenbe)*

**Tottenham – Bornmut (19:00)**
**Fulham – Arsenal (19:00)**

*1-nji ýanwar (duşenbe)*

**Liwerpul – Nýukasl (01:00)**

*2-nji ýanwar (sişenbe)*

**West Ham – Braýton (00:30)**
**Walensiýa – Wilýarreal (01:30)**

*3-nji ýanwar (çarşenbe)*

**Real Madrid – Malýorka (23:15)**
**Žirona – Atletiko (01:30)**

*4-nji ýanwar (penşenbe)*

**Las Palmas – Barselona (01:30)**

# Çempionlykdan soň kuboga hem mynasyp boldy

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynyň ýeňijisi belli boldy. «Arkadag» şäherindäki stadionda geçirilen duşuşykda «Arkadag» topary bilen «Ahal» topary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Arkadag» topary 3-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşygyň gollaryny 29-njy we 52-nji minutlarda Abdy Bäşimow bilen 68-nji minutda Ilýa Tamurkin derweзä girizdi. Şunlukda, «Arkadag» topary Türkmenistanyň Kubogynyň 30 ýyllyk taryhynda oňa mynasyp bolan 11-nji klub hökmünde bellige alyndy.**



**«Arkadag» topary esaslandyrylan ýylynda çempionlykdan soň kubok ýaryşynda-da ýeňiş gazanyp, möwsümi goşa üstünlik bilen tamamlamagy başardy.**

**«Ahal» topary 2019-njy we 2021-nji ýyllardan soň 3-nji gezek kubok ýaryşynyň finalynda ýeňlişe sezewar boldy.**

**Türkmenistanyň Kubogyny şu wagta çenli «Köpetdag» (7), «Altyn asyr» (5), «Nebitçi» (4), «Ahal» (4), «Merw» (2), «Ýedigen» (2), «Şagadam» (2), «Nisa» (1), «Garagum» (1) hem-de «Turan» (1) toparlary eýeläpdi.**

# «Mançester Siti» FIFA Klublararasy Dünýä Kubogynyň hem ýeňijisi

Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirilen 20-nji FIFA Klublararasy Dünýä Kubogynda Angliýanyň «Mançester Siti» topary çempionlyk gazandy. Şa Abdullah stadionynda geçirilen finalda polşaly Simon Marçiniak jürlewük çaldy. Duşuşyga 52 müňden gowrak janköýer tomaşa etdi.



Finalda Braziliýanyň «Fluminense» topary bilen duşuşan «Mançester Siti» garşydaşyny 4–0 hasabynda ýeňdi. Eýýäm 1-nji minut dolmanka hasaby açan «Mançester Siti» toparynyň gollaryny Hulian Alwares (1, 88), Nino (27, ö.d.) hem-de Fil Foden (72) geçirdi. Şunlukda, «Mançester Siti» taryhynda ilkinji gezek bu kubogy eýeläp, şäherliler FIFA-nyň bu ýaryşynda çempionlyk gazanan 4-nji iňlis kluby hökmünde hasaba alyndy. Umumylykda 12-nji klub bolan «Mançester Sitiniň» tälimçisi Pep Guardiola 4-nji gezek bu kubogy eýeledi. Ispaniýaly hünärmen bu kubogy 3 dürli klub («Barselona» – 2009, 2011, «Bawariýa» 2013) bilen alan ilkinji tälimçi boldy. Pep Guardiola karýerasyndaky 37-nji kubogyny gazanyp, bu ugurda Ser Aleks Fergusondan soň 2-nji ýerde barýar.

Toparyň ýarymgoragçysy Mateo Kowaçiç hem 3 dürli klub («Real Madrid», «Çelsi», «Mançester Siti») bilen bu kubogy gazanan ilkinji futbolçy hökmünde bellige alyndy.

Ispaniýaly Rodri ýaryşyň «Altyn top» baýragyna mynasyp boldy.

Bu kubogy 16-njy gezek Ýewropa topary gazanyp, 5 sapar çempion bolan «Real Madrid» sanawyň başyny çekýär. «Barselona» 3, «Korintians» bilen «Bawariýa» toparlary-da 2 gezek çempion bolmagy başardy. «Liwerpul», «Çelsi», «Internasional», «Sao Paulo», «Mançester Ýunaýted», «Milan» hem-de «Inter» klublary-da 1 gezek ýeňiji boldy.

«Mançester Siti» 2023-nji ýyldaky 5-nji kubogyny gazandy. Olar mümkin bolan 6 kubokdan diňe Angliýanyň Super Kubogyny gazanyp bilmediler.

Duşuşygyň emini Simon Marçiniak futboldaky soňky 3 esasy finala eminlik edip, adyny taryha ýazdyrdy. Ol geçen ýyl Argentina bilen Fransiýanyň arasyndaky FIFA Dünýä Kubogynyň finalyna, geçen möwsümde-de «Mançester Siti» bilen «Interiň» arasyndaky UEFA Çempionlar Ligasynyň finalyna eminlik edipdi.

# UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalaýyn tapgyryň täsin hasabatlary

UEFA Çempionlar Ligasynda toparçadaky duşuşyklar tamamlanyp, 1/8 finala çykan klublar belli boldy. Toparçalarda geçirilen duşuşyklarda birnäçe statistikalar, täsin hasabatlar, rekordlar, özbolușly maglumatlar hasaba alyndy.

**1** – Žoao Mario UEFA Çempionlar Ligasynda het-trik eden ilkinji benfikaly futbolçy boldy.

**4** – «Lasionyň» derwezeçisi Iwan Prowedel UEFA Çempionlar Ligasynda gol geçiren 4-nji derwezeçi bolup, ondan öň Hans-Ýorg Butt, Sinan Bolat hem-de Wensen Enýeama dagy tapawutlanypdy.

**7** – «Mançester Siti» topary yzly-yzyna 7-nji gezek toparçalarda 1-nji orny eýelemegi başardy.



**13** – «Srwena Zwezda» toparynyň derwezeçisi Omri Glazer «Mançester Siti» bilen geçirilen 1-nji duşuşykda 13 urgyny sowmagy başardy. Ol «Kopengagen» toparynyň derwezeçisi Kamil Grabaradan (2022-nji ýylyň oktýabr aýy, ýene-de «Mançester Siti» duşuşygynda) soň bir oýunda 10-dan köp urgyny sowmagy başaran ilkinji derwezeçi boldy.

**16** – «Barselona» toparynyň ýaş oýunçysy Lamin Ýamal 16 ýaş 83 gün bilen «Porto» duşuşygynda meýdança çykyp, UEFA Çempionlar Ligasynda oýnan iň ýaş futbolçy rekordyny täzeledi. Ozalky rekord 1994-nji ýylyň noýabryndaky «Anderleht» – «Stýaua» duşuşygynda çykyş eden ýer eýesiniň nigeriýaly oýunçysy Selestin Babaýaro degişlidi (16 ýaş 86 gün).

**17** – Toparçalarda 40 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Bawariýa» topary «Kopengagen» bilen golsuz deňme-deň oýnap, 17 oýunlyk ýeňişli ýörişi tamamlandy.

**25** – «Atletiko»–«Feýenoord» duşuşygynda 2 gol geçiren Alwaro Morata UEFA Çempionlar Ligasynda 25 gola ýeten 3-nji ispaniýaly futbolçy bolup, ondan öň Raul Gonzales (71 gol) hem-de Fernando Morintes (33 gol) bu görkezijä ýetipdi.

**28** – «Real Madrid» bilen «Barselona» toparlary 32-nji gezek geçirilýän UEFA Çempionlar Ligasynyň toparçalarynda 28-nji sapar çykyş etdiler.

**36** – «Borussiýa Dortmund» toparynyň germaniýaly hüjümçisi Karim Adeýemi duşuşykda sagatda 36,3 kilometr tizlik bilen ylgap, bu ugurda toparçalardaky iň ýokary görkezijä ýetdi.

**37** – «Milanyň» fransiýaly hüjümçisi Oliwie Žiru toparynyň PSŽ bilen geçiren duşuşygynda, şol sanda «Sewilýanyň» ispaniýaly goragçysy Serhio Ramos toparynyň «Lans» bilen geçiren duşuşygynda tapawutlanmagy başardy. Žiru 37 ýaş 38 gün, Ramos bolsa 37 ýaş 244 gün bilen UEFA Çempionlar Ligasynda gol geçiren degişlilikde, iň ýaşuly fransiýaly hem-de ispaniýaly futbolçylar boldy.

**39** – «Mançester Siti» topary UEFA Çempionlar Ligasynda öz meýdançasynda oýnan 39 duşuşygynda-da gol geçirmegi başardy.

**40** – «Porto» toparynyň portugaliýaly goragçysy Pepe UEFA Çempionlar Ligasynda gol geçiren iň ýaşuly futbolçy boldy. 2 gol geçiren Pepe ilki Tottiniň, soňra öz rekordyny täzeledi.

**100** – «Barselonanyň» polşaly hüjümçisi Robert Lewandowskiniň «Antwerpen» duşuşygynda geçiren goly onuň UEFA-nyň klub ýaryşlaryndaky 100-nji goly hökmünde hasaba alyndy. Ol Ronaldo hem-de Messiden soň bu görkezijä ýeten 3-nji futbolçydyr.

**108** – «Ýang Boýz» toparynyň futbolçysy Ebrima Kolli «Leipsig» bilen geçirilen duşuşykda tapawutlanyp, ol UEFA Çempionlar Ligasynda gol geçiren ilkinji gambiýaly oýunçy boldy. Şunlukda, Gambiýa Çempionlar Ligasynda futbolçysy gol geçiren 108-nji ýurt hökmünde bellige alyndy.

**150** – Serhio Ramos, Luka Modriç, Tomas Müller hem-de Iwan Rakitiç dagy UEFA-nyň klub ýaryşlarynda 150 duşuşykda meýdança çykan futbolçylar boldy.

**296** – UEFA Çempionlar Ligasynyň şu möwsüminde toparçalardaky 96 oýunda 296 gol geçirildi. Bu görkeziji geçen ýyldakydan 8 gol az diýmekdir.

**10 000** – Toparçalardaky 5-nji duşuşyklarda 3-2 hasabynda tamamlanan PSW – «Sewilýa» duşuşygynda ispan toparynyň bir goluny geçiren Serhio Ramosyň derweзä uran şol topy UEFA Çempionlar Ligasyndaky 10 000-nji gol hökmünde hasaba alyndy.

# Fatih Terim meşhur grek toparyna tälim berer

Gresiýanyň öňdebaryjy klublaryndan «Panatinaikos» topary türkiýeli meşhur tälimçi Fatih Terimi toparyň tälimçiligine belledi. Pireý şäheriniň kluby 70 ýaşyndaky tejribeli hünärmen bilen 1,5 ýyllyk şertnama baglaşar. 4 dürli döwürde «Galatasaraýa» jemi 13 ýyl tälim beren Terim 3-nji gezek başga bir ýurduň toparynyň tälimçisi bolar. Terim 2000-nji ýyllaryň başlarynda Italiýanyň «Fiorentina» hem-de «Milan» klublaryna tälim beripdi.



Geçen möwsüm pleý-off tapgyrynda çempionlygy AEK toparyna aldyran «Panatinaikos» häzirki wagtda 15 oýunda 34 utuk toplap, 55 utukly sanawyň lideri PAOK-dan soň 2-nji ýerde barýar. Terimiň grek klubunda ilkinji synagy ýanwar aýynyň başlarynda «PAS Ýanina» toparyna garşy bolar. Şeýle-de, ýanwar aýynda «Panatinaikos» topary täze tälimçisiniň ýolbaşçylygynda kubok ýaryşynda köne bäsdeşi «Olimpiakos» bilen duşuşar.

Ýeri gelende bellesek, «Panatinaikos» klubunyň basketbol toparyna-da türkiýeli meşhur tälimçi Engin Ataman tälim berýär. Ol hem belli bir döwürde «Galatasaraýyň» basketbol toparyna-da tälim beripdi.

# Luis Suares köne topardaşlarynyň KLUBUNA GOŞULDY

Argentinaly super ýyldyz Lionel Messiniň öňki topardaşlaryndan ýene biri «Inter Maýami» toparyna geçdi. Köp wagtdan bäri gürrüňi edilýän transfer ahyry amala aşyp, urugwaýly ýyldyz hüjümçi Luis Suares MLS-niň «Inter Maýami» topary bilen 1+1 ýyllyk şertnama baglaşdy.




Karýerasy boýunça «Nasional», «Groningen», «Aýaks», «Liwerpul», «Barselona», «Atletiko Madrid», ýene-de «Nasional» hem-de «Gremio» klublarynda oýnan Luis Suares ady agzalan şu toparlarda 800 duşuşykda 489 gezek tapawutlandy.

Ol «Inter Maýamidäki» topardaşlaryndan Lionel Messi, Ýordi Alba, Seržio Buskets dagy bilen «Barselonada» 2014–2020-nji ýyllar aralygynda 6 möwsüm bilelikde çykyş etdi. Şol döwürde olar bilelikde ençeme kubogy asmana galdyrypdy.

Urugwaýly hüjümçiniň täze klubunda 9-njy belgili köýnekçäni geýjekdigi belli bolup, ABŞ-nyň çempionatynyň täze möwsümi geljek ýylyň fewral aýynda başlar.

# Joşua üstün çykdy, Waýlder asgyn geldi

Boks boýunça Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda geçirilen boks agşamynda agyr agramyň ägirtleri ringe çykdy. Köpleriň sabyrsyzlyk bilen garaşan tutluşygynda angliýaly Antoni Joşua bilen şwesiýaly Otto Walin duşuşdy. 5-nji raundyň 3-nji minutynda garşydaşyny burça gaban Joşua ýeňiş gazanmagy başardy. Bu onuň 30-njy tutluşygyndaky 27-nji ýeňşi boldy. 34 ýaşly boksçy 3 gezegem ýeňlipdi. Şol boks agşamynda Täze Zelandiýanyň meşhur boksçusy Ýosef Parker bilen amerikaly belli boksçy Deonteý Waýlder duşuşdy. 12 raundda tamamlanan tutluşykda Parker güýçli garşydaşyny urgularyň sany boýunça ýeňmegi başardy. Bu onuň 37-nji duşuşykdaky 34-nji ýeňşi boldy. 38 ýaşyndaky tejribeli Waýlder bolsa 47-nji tutluşygynda 3-nji sapar garşydaşlaryndan asgyn geldi.



### PREMIER LEAGUE (19) — 31 gol

**Nýukasl—Nottingam: 1–3** (Isak 23 p — Wud 45+1, 53, 60), **Bornmut—Fulham: 3–0** (Kluiwert 44, Solanke 62 p, Sinisterra 90+4), **Şeffild Ý.—Luton: 2–3** (Makberni 61, Ahmedhodžiç 69 — Dauti 17, Robinson 77 ö.d., Sliman 82 ö.d.), **Börnli—Liwerpul: 0–2** (Nunýes 6, Žota 90), **M. Ýunaýted—A. Willa: 3–2** (Garnçaço 59, 71, Heýlunn 82 — Makginn 21, Dendonker 26), **Brentford—Wulwerhempton: 1–4** (Wissa 16 — Lemina 13, Hi Çan Hwan 14, 28, Belgard 79), **Çelsi—Kristal Palas: 2–1** (Mudryk 13, Madueke 88 p – Olise 45+1), **Ewerton—Man. Siti: 1–3** (Harrison 29 — Foden 53, Alwares 64 p, Bernardo Silwa 86), **Braýton—Tottenham, Arsenal—West Ham**

### SERIE A (17) — 22 gol

**Empoli—Lasio: 0–2** (Genduzi 9, Zakkanýi 67), **Sassuolo—Jenoa: 1–2** (Pinamonti 28 — Gudmundsson 64 p, Ekuban 87), **Salernitana—Milan: 2–2** (Fazio 42, Kandrewa 63 — Tomori 63, Ýowiç 90), **Monza—Fiorentina: 0–1** (Beltran 7), **Frozinone—Ýuwentus: 1–2** (Baes 51 — Ýyldyz 12, Wlahowiç 81), **Torino—Udineze: 1–1** (Iliç 88 — Zarraga 81), **Bolonýa—Atalanta: 1–0** (Ferguson 86), **Inter—Leççe: 2–0** (Bissek 43, Barella 78), **Werona—Kaliari: 2–0** (Ngong 53, Džuriç 90), **Roma—Napoli: 2–0** (Pellegrini 76, Lukaku 90+6)

### SÜPER LIG (17) — 24 gol

**Siwasspor—Istanbulsport: 1–0** (Manaý 86), **F. Karagümrük—Gaziantep: 0–3** (Dreguş 27, Gradel 50, Nkulu 87), **Trabzonspor—Istanbul BŞ: 1–1** (Mendi 34 — Pelkas 12), **Konýaspor—Kaýserispor: 2–0** (Çikaleşi 50 p, 63 p), **Adana Demirspor—Antalýaspor: 2–1** (Akintola 1, Akbaba 45 — Ýeşilýurt 85), **Fenerbahçe—Galatasaraý: 0–0, Alanýaspor—Samsunspor: 3–1** (Özdemir 14, Aýdyn 27, Žanwie 90+3 — Muandilmaji 86), **Kasympaşa—Ç. Rizespor: 2–2** (Haýradinowiç 30, Da Koşta 60 — Gaýç 45+2, 73), **Pendikspor—Ankaragüjü: 1–1** (Öztürk 79 — Bekiroglu 18), **Hataýspor—Beşiktaş: 1–2** (Hodžiç 80 — Kylyçsoý 38, Kolli 53)

### SPL (18) — 34 gol

**Damak—Al-Tai: 3–0** (Çafai 57, Bedrane 85, Stankiu 90+11), **Al Hilal—Abha: 7–0** (Milinkowiç-Sawiç 18, 79, 90+5, Mitrowiç 25 p, Aldawsari 72, Kanno 82, Neweş 86), **Al Nassr—Al-Ittifak: 3–1** (Telles 43, Brozowiç 59, Ronaldo 73 p — Al-Kuwaýkibi 85), **Al Taawun—Al Fateh: 1–3** (Žoao Pedro 90+4 — Al-Najdi 30, Al Şarfa 35, 45+2), **Al Halij—Al Faýha: 3–0** (Wu-Ýun 21, Nareý 32 p, Al-Haibari 82 ö.d.), **Al-Hazm—Al Ahli: 0–4** (Mahrez 45+1, Wega 58, Al-Buraýkan 81, Demiral 90+1), **Al-Uhdad—Al-Şabab: 1–0** (Burka 70), **Al-Ittihad—Al Raed: 1–3** (Romarinio 25 — El Berkaui 22, 72, Al Dossari 90), **Al-Wehda—Al-Riýad: 3–1** (El Ýamik 36, Gudwin 82, Ighalo 90+4 p — Al Abbas 86)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 19 | 12 | 6 | 1 | 39-16 | 42 |
| 2 | ARSENAL | 18 | 12 | 4 | 2 | 36-16 | 40 |
| 3 | ASTON WILLA | 19 | 12 | 3 | 4 | 40-25 | 39 |
| 4 | MAN. SITI | 18 | 11 | 4 | 3 | 43-21 | 37 |
| 5 | TOTTENHAM | 18 | 11 | 3 | 4 | 37-24 | 36 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 19 | 10 | 1 | 8 | 21-25 | 31 |
| 7 | WEST HAM | 18 | 9 | 3 | 6 | 31-30 | 30 |
| 8 | NÝUKASL | 19 | 9 | 2 | 8 | 37-25 | 29 |
| 9 | BRAÝTON | 18 | 7 | 6 | 5 | 34-31 | 27 |
| 10 | ÇELSI | 19 | 7 | 4 | 8 | 31-29 | 25 |
| 11 | W. HEMPTON | 19 | 7 | 4 | 8 | 27-31 | 25 |
| 12 | BORNMUT | 18 | 7 | 4 | 7 | 27-32 | 25 |
| 13 | FULHAM | 19 | 6 | 3 | 10 | 26-34 | 21 |
| 14 | BRENTFORD | 18 | 5 | 4 | 9 | 25-28 | 19 |
| 15 | K. PALAS | 19 | 4 | 6 | 9 | 19-28 | 18 |
| 16 | NOTTINGAM | 19 | 4 | 5 | 10 | 22-34 | 17 |
| 17 | EWERTON | 19 | 8 | 2 | 9 | 24-25 | 16 |
| 18 | LUTON TAWN | 18 | 4 | 3 | 11 | 21-34 | 15 |
| 19 | BÖRNLI | 19 | 3 | 2 | 14 | 18-38 | 11 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 19 | 2 | 3 | 14 | 15-47 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 14 |
| 2 | Dominik SOLANKE (Bormut | 13 |
| 3 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 12 |
| 4 | Jarred BOWEN (West Ham) | 11 |
| 5 | Hyn Min SON (Tottenham) | 11 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 17 | 14 | 2 | 1 | 41-7 | 44 |
| 2 | ÝUWENTUS | 17 | 12 | 4 | 1 | 26-11 | 40 |
| 3 | MILAN | 17 | 10 | 3 | 4 | 31-20 | 33 |
| 4 | BOLONÝA | 17 | 8 | 7 | 2 | 21-12 | 31 |
| 5 | FIORENTINA | 17 | 9 | 3 | 5 | 26-18 | 30 |
| 6 | ROMA | 17 | 8 | 4 | 5 | 30-19 | 28 |
| 7 | NAPOLI | 17 | 8 | 3 | 6 | 28-21 | 27 |
| 8 | ATALANTA | 17 | 8 | 2 | 7 | 28-20 | 26 |
| 9 | LASIO | 17 | 7 | 3 | 7 | 18-18 | 24 |
| 10 | TORINO | 17 | 6 | 6 | 5 | 15-17 | 24 |
| 11 | MONZA | 17 | 5 | 6 | 6 | 16-18 | 21 |
| 12 | LEÇÇE | 17 | 4 | 8 | 5 | 19-23 | 20 |
| 13 | FROZINONE | 17 | 5 | 4 | 8 | 22-28 | 19 |
| 14 | JENOA | 17 | 5 | 4 | 8 | 18-22 | 19 |
| 15 | SASSUOLO | 17 | 4 | 4 | 9 | 25-32 | 16 |
| 16 | WERONA | 17 | 3 | 5 | 9 | 15-23 | 14 |
| 17 | UDINEZE | 17 | 1 | 11 | 5 | 15-28 | 14 |
| 18 | KALIARI | 17 | 3 | 4 | 10 | 16-31 | 13 |
| 19 | EMPOLI | 17 | 3 | 3 | 11 | 10-30 | 12 |
| 20 | SALERNITANA | 17 | 1 | 6 | 10 | 14-36 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 15 |
| 2 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 9 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 8 |
| 4 | Romelu LUKAKU (Roma) | 8 |
| 5 | Joşua ZIRKZEE (Bolonýa) | 7 |

**TÜRKIÝÄNIŇ ÇEMPIONATY /SÜPER LIG/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FENERBAHÇE | 17 | 14 | 2 | 1 | 44-14 | 44 |
| 2 | GALATASARAÝ | 17 | 14 | 2 | 1 | 32-9 | 44 |
| 3 | TRABZONSPOR | 17 | 9 | 3 | 5 | 31-20 | 30 |
| 4 | KAÝSERISPOR | 17 | 8 | 5 | 4 | 24-20 | 29 |
| 5 | BEŞIKTAŞ | 17 | 9 | 2 | 6 | 25-23 | 29 |
| 6 | ADANA D. SPOR | 17 | 7 | 6 | 4 | 31-22 | 27 |
| 7 | Ç. RIZESPOR | 17 | 7 | 5 | 5 | 22-23 | 26 |
| 8 | ANTALÝASPOR | 17 | 6 | 6 | 5 | 23-19 | 24 |
| 9 | KASYMPAŞA | 17 | 6 | 5 | 6 | 29-33 | 23 |
| 10 | SIWASSPOR | 17 | 5 | 6 | 6 | 20-27 | 21 |
| 11 | ANKARAGÜJÜ | 17 | 4 | 8 | 5 | 22-22 | 20 |
| 12 | ALANÝASPOR | 17 | 5 | 5 | 7 | 18-25 | 20 |
| 13 | HATAÝSPOR | 17 | 4 | 7 | 6 | 25-24 | 19 |
| 14 | ISTANBUL BŞ | 17 | 5 | 4 | 8 | 19-22 | 19 |
| 15 | GAZIANTEP | 17 | 6 | 1 | 10 | 20-27 | 19 |
| 16 | KONÝASPOR | 17 | 4 | 6 | 7 | 18-22 | 18 |
| 17 | F. KARAGÜMRÜK | 17 | 4 | 5 | 8 | 18-18 | 17 |
| 18 | SAMSUNSPOR | 17 | 4 | 3 | 10 | 19-29 | 15 |
| 19 | PENDIKSPOR | 17 | 3 | 5 | 9 | 18-39 | 14 |
| 20 | ISTANBULSPOR | 17 | 2 | 2 | 13 | 11-31 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mauro IKARDI (Galatasaraý) | 10 |
| 2 | Edin JEKO (Fenerbahçe) | 10 |
| 3 | Mame TIAM (Kaýserispor) | 9 |
| 4 | Aýtak KARA (Kasympaşa) | 7 |
| 5 | Mbaýe NIANG (Adana Demirspor) | 6 |

**S. ARABYSTANYNYŇ ÇEMPIONATY /SPL/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | AL HILAL | 18 | 16 | 2 | 0 | 57--9 | 50 |
| 2 | AL NASSR | 18 | 14 | 1 | 3 | 51--22 | 43 |
| 3 | AL AHLI | 18 | 11 | 4 | 3 | 40--19 | 37 |
| 4 | AL TAAWUN | 18 | 10 | 4 | 4 | 31--18 | 34 |
| 5 | DAMAK | 18 | 8 | 6 | 4 | 35--24 | 30 |
| 6 | AL-ITTIHAD | 17 | 8 | 4 | 6 | 34--26 | 28 |
| 7 | AL FATEH | 18 | 8 | 4 | 6 | 33--26 | 28 |
| 8 | AL-WEHDA | 18 | 8 | 1 | 9 | 31--33 | 25 |
| 9 | AL-ITTIFAK | 18 | 6 | 6 | 6 | 21--21 | 24 |
| 10 | AL HALIJ | 18 | 6 | 4 | 8 | 23-27 | 22 |
| 11 | AL FAÝHA | 18 | 4 | 7 | 7 | 19-29 | 19 |
| 12 | AL-UHDUD | 18 | 6 | 1 | 11 | 13-25 | 19 |
| 13 | AL-ŞABAB | 18 | 4 | 6 | 8 | 18-25 | 18 |
| 14 | AL-TAI | 18 | 5 | 2 | 11 | 20-36 | 17 |
| 15 | AL RAED | 18 | 4 | 4 | 10 | 20-28 | 16 |
| 16 | AL-RIÝAD | 18 | 4 | 4 | 10 | 16-37 | 16 |
| 17 | ABHA | 18 | 4 | 2 | 12 | 19-48 | 14 |
| 18 | AL-HAZM | 18 | 2 | 6 | 10 | 18-46 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kristiano RONALDO (Al Nassr) | 19 |
| 2 | Aleksandar MITROWIÇ (Al Hilal) | 16 |
| 3 | Žorž-Kewin NKUDU (Damak) | 14 |
| 4 | Anderson TALIŞKA (Al Nassr) | 11 |
| 5 | Firas AL-BURAÝKAN (Al Ahli) | 11 |

# Gyzykly futbol «Premier Ligada» dowam edýär

Angliýanyň çempionatynda 19-njy tapgyrda «Nýukasl» öz meýdançasynda «Nottingam Forestden» 3-1 hasabynda asgyn geldi. Kris Wuduň het-trigi bilen ýeňşini baýram eden «Nottingam Forest» topary «Nýukasly» 1988-nji ýyldan soň ilkinji sapar utdy. «Arsenal» bilen öz meýdançasynda deňme-deň oýnan «Liwerpul» 19-njy tapgyrda «Börnlini» Nunýes hem-de Žotanyň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. Tapgyryň çekeleşikli geçen oýnunda «Aston Willa» myhmançylykda «Mançester Ýunaýted» bilen duşuşdy. Birmingem şäheriniň wekili 1-nji ýarymda Makginn hem-de Dendonkeriň gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlansa-da, 2-nji ýarymda ýer eýeleri ýaş oýunçylarynyň gollary bilen ýeňiş gazanmagy başardy. 59-njy we 71-nji minutlarda Garnaço tapawutlanyp, hasaby deňlese, Heýlunn 82-nji minutda toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Rasmus Heýlunn APL-däki ilkinji goluny geçirip, ol bu arzuwyna 15 oýunda ýetmegi başardy. «Şeffild Ýunaýted» bilen «Luton Tawnyň» arasyndaky oýunda ýer eýeleri 4 gol geçirse-de, 3–2 hasabynda utuldy. Başgaça aýdylanda, «Luton Tawn» toparynyň geçiren 3 golunyň soňky 2-sini «Şeffild Ýunaýted» toparynyň oýunçylary öz derwezesinden girizdi. «Fulhamy» 3–0 hasabynda ýeňen «Bornmut» topary soňky 7 duşuşykda 6-njy gezek ýeňiş gazanmagy başardy. London derbisinde «Çelsi» öz meýdançasynda «Kristal Palasdan» 2–1 hasabynda üstün çykdy. «Mançester Siti» bolsa myhmançylykda «Ewerton» bilen duşuşyp, garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, 3–1 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy.





### «Inter» bilen «Ýuwentus» arany açýar

Italiýanyň çempionatynda 17-nji tapgyrda sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynda «Leççeni» Bissek we Barellanyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Tapgyryň merkezi duşuşygynda-da şol netije hasaba alnyp, «Roma» Rimde «Napoliden» Pellegrininiň (76) hem-de Lukakunyň (90+6) gollary esasynda üstün çykdy. «Napoli» topary duşuşygy 2 oýunçy kem tamamlap, Politano bilen Osimhen 2-nji ýarymda gyzyl kart aldy. 2-nji ýerde barýan «Ýuwentus» myhmançylykda «Frozinone» bilen duşuşyp, garşydaşyny Kenan Ýyldyz hem-de Wlahowiçiň gollary esasynda 2–1 hasabynda utdy. Myhmançylykda iň aşaky orunda barýan «Salernitina» bilen duşuşan «Milan» soňky minutda ýeňlişden halas boldy. Öz meýdançasynda «Atalantany» Fergusonyň ýeketäk goly esasynda ýeňen «Bolonýa» topary ornuny saklamagy başardy.

### Golsuz geçen derbi

Türkiýäniň çempionatynda 17-nji tapgyrda Stambul derbisinde – sanawyň deň utukly 2 öňdebaryjysy «Fenerbahçe» bilen «Galatasaraýyň» arasyndaky duşuşykda hasap açylmady. Tälimçisi Ryza Çalymbaýy ugradan «Beşiktaş» topary myhmançylykda «Hataýspordan» 2–1 hasabynda üstün çykdy. 3-nji orunda barýan «Trabzonspor» öz meýdançasynda «Istanbul Başakşehir» topary bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady.

### 53 oýunda 53 gol

Saud Arabystanynyň çempionatynda 18-nji tapgyrda sanawyň lideri «Al Hilal» öz meýdançasynda «Abha» toparynyň derwezesinden jogapsyz 7 gol geçirdi. Gollaryň 3-sini Milinkowiç-Sawiç öz adyna ýazdyrdy. 2-nji ýerdäki «Al Nassr» topary öz meýdançasynda «Al-Ittifak» toparyny Telles, Brozowiç hem-de Ronaldonyň (p) gollary bilen 3–1 hasabynda utdy. Paýtagtlylar 16-njy tapgyryň galdyrylan oýnunda-da myhmançylykda soňky çempion «Al-Ittihady» myhmançylykda 5-2 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda «Al Nassr» toparynyň gollaryny Ronaldo (19 p, 68 p), Talişka (38) hem-de Sadio Mane (75, 82) geçirdi. 66-njy minutda braziliýaly ýarymgoragçysy (Fabinio) gyzyl kart alan «Al-Ittihadyň» gollarynyň ikisini hem Hamdallah öz adyna ýazdyrdy. Sanawyň 3-nji orunundaky «Al Ahli» topary myhmançylykda «Al-Hazm» toparyny 4–0 hasabynda ýeňdi.



2024 TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN!

# AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Dünýäniň müňýyllyklar bilen ölçenilýän taryhyna täze sahypa bolup girjek Täze – 2024-nji ýyl mähriban ýurdumyz we bagtyýar halkymyz üçin beýik ösüşleriň hem-de ruhy galkynyşyň ýyly bolar.

Sizi we halkymyzy Täze – 2024-nji ýyl bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys. Ykdysadyýetiň beýleki pudaklary bilen bir hatarda dokma pudagynda ýetilýän sepgitler Siziň taýsyz tagallalaryňyzyň miwesidir. Siziň aladalaryňyzy her ädimde duýup ýaşaýan we işleýän dokma pudagynyň işgärleri 2024-nji ýyly düşümli, bereketli ýyla öwürmek üçin elde baryny edip zähmet çekýärler.

Goý, Täze ýyl Türkmenistan üçin beýik üstünlikleriň we ýeňişleriň ýyly bolsun! Täze ýyl her bir ojaga bagt we rowaçlyk getirsin, goý, her bir öý üstünliklere hem-de geljege bolan ynama beslensin!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Şu şatlykly pursatdan peýdalanyp, Size berk jan saglyk we uzak ömür, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris.

Siziň baştutanlygyňyzda 2024-nji ýyl eziz Diýarymyz üçin rysgallydöwletli, bereketli, düşümli ýyllaryň biri bolsun! Täze ýylda ýurdumyz parahat bolup, Türkmenistanyň her bir raýatyna üstünligiň, halallygyň, zähmetsöýerligiň hemra bolmagyny arzuw edýäris.

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Täze ýyl baýramy bilen Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden we gyzgyn gutlaýarys.

Türkmenistanyň halky Täze – 2024-nji ýyly uly zähmet ýeňişleri bilen garşylaýar. Tamamlanyp barýan 2023-nji ýylyň her bir güni taryhy üstünliklere beslenip, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany täze ösüş derejelerine çykaryp, halkara giňişligindäki ornuny has-da berkitdi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzy eşretli durmuşda ýaşatmak üçin alyp barýan täze başlangyçlaryňyz rowaç alsyn!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda alnyp barylýan we üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli tutumlaryňyzyň netijesinde, bu günki gün Türkmenistany bütin dünýä tanaýar, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlanýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyzyň bagtly ýaşaýşynyň, röwşen geljeginiň, eşretli durmuşynyň hatyrasyna alyp barýan işleriňiziň amala aşmagyny arzuw edýäris. Janyňyz sag, ömrüňiz uzak, il-ýurt bähbitli alyp barýan tutumly işleriňiz rowaç bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Halkymyz Täze – 2024-nji ýyly uly zähmet ýeňişleri bilen garşylaýar. Täze ýyl baýramy bilen Sizi we halkymyzy gyzgyn gutlaýarys.

Halkymyzyň röwşen geljeginiň hatyrasyna başyňyzyň dik, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris. Garaşsyz Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, her bir raýatyň bagtyýar, her bir maşgalanyň bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan tutumly işleriňiz elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siz halkymyzy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly öňe alyp barýarsyňyz. Halkymyzyň eşretli durmuşda bolelin ýaşamagy üçin uly işleri amala aşyrýarsyňyz. Halkymyz bolsa barha ynamly öňe barýan ata Watanymyzyň ýokary depgindäki ösüşine guwanyp-buýsanyp, Size çäksiz alkyşlaryny aýdýar.

Goý, Täze – 2024-nji ýyl düşümli, rysgal-bereketli ýyllaryň biri bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir gününi, her bir ýylyny altyn harplar bilen ýazyljak möhüm wakalara besleýän halkymyz Täze – 2024-nji ýylyň bosagasynda dur. Watandaşlarymyz Täze ýyly zähmet üstünlikleri bilen garşylamak üçin ruhubelentlik bilen zähmet çekýärler, birek-birege süýji arzuwlary aýdýarlar. Pursatdan peýdalanyp, Sizi we halkymyzy Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň öňdengörüjilikli syýasatyňyz netijesinde, ýurdumyzyň dünýä derejesindäki abraýy has-da belende galýar. Ykdysadyýetiň ähli pudagynda ýetilýän sepgitler Siziň taýsyz tagallalaryňyzyň miwesidir.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň ýagty geljegi, abadan ösüşi ugrunda tutýan beýik tutumlaryňyzda Size rowaçlygyň ýar bolmagyny arzuw edýäris. Täze – 2024-nji ýyl Size, ýurdumyza, halkymyza üstünlik we bagt getirsin! Goý, Täze – 2024-nji ýylda hem Siziň baştutanlygyňyzda zähmetsöýer halkymyza bagtyýarlyk döwrümiziň her bir gününi zähmet üstünliklerine beslemek miýesser etsin!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN! 2024

AJAÝYP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedew batly ösüşlere we ajaýyp wakalara beslenen Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde ýyklymlary ösüşiň we parahatçylygyň aýdyň ýoly bilen jebisleşdirýän umumadamzat ähmiýetli beýik taslamalar amala aşyryldy. Ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda amala aşyrylýan rowaç işler Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi dünýäde ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösýän kuwwatly döwletleriň birine öwürdi.

Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine, halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan adyl syýasatyňyz eziz Diýarymyzy öňegidişlikleriň, ösüşleriň we rowaçlygyň Watanyna öwürdi. Siziň baştutanlygyňyzda asylly maksatlary nazarlaýan ägirt uly işler, ýurdumyzda höküm sürýän agzybirlik we jebislik Täze – 2024-nji ýylyň uly üstünliklere hem-de rowaçlyklara beslenjekdigine ynam we buýsanç duýgularyny döredýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan we eşretli durmuşy, bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan tutumly işleriňizde üstünlik, berk jan saglyk we uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris.

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

IKCO

## IRAN KHODRO Industrial Group

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENT!**

Siziň baştutanlygyňyzda türkmen halky Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Täze – 2024-nji ýyly uly ruhubelentlik bilen garşylaýar. Sizi we Türkmenistanyň bagtyýar halkyny ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen gutlaýarys.

**Hormatly Prezident!** Türkmenistan Eýran Yslam Respublikasy bilen köpugurly gatnaşyklary yzygiderli ösdürmäge we pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berýär. Bu gatnaşyklar birek-birege hormat goýmaga, müňýyllyklardan gözbaş alýan hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýar. Muňa golaýda Siziň Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisi bilen telefon arkaly söhbetdeşligiňiz hem aýdyň şaýatlyk edýär. Söhbetdeşligiň dowamynda netijeli türkmen-eýran gatnaşyklarynyň häzirki wagtda ikitaraplaýyn derejede hem-de halkara guramalaryň çäklerinde, däp bolşy ýaly, birek-birege hormat goýmak, özara ynanyşmak esasynda ösdürilýändigi kanagatlanma bilen bellenildi. Soňky döwürde iki ýurduň arasyndaky syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlardaky hyzmatdaşlyk işjeň alnyp barlyp, hil taýdan täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar.

**Hormatly Prezident!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyk, türkmen halkyna bolsa parahat durmuş we abadançylyk arzuw edýäris. Täze ýylda täze üstünlikler hemraňyz bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO» Golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

**«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ**

## «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Täze – 2024-nji ýyl bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!** Goý, Täze ýyl Türkmenistan üçin beýik üstünlikleriň we ýeňişleriň ýyly bolsun! Täze ýyl her bir ojaga bagt we rowaçlyk getirsin, goý, her bir öý üstünliklere hem-de geljege bolan ynama beslensin!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Täze ýyl baýramçylygy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, halkymyzyň her gününiň bagtyýarlyga beslenmegi üçin edýän işleriňiz rowaçlyklara beslensin, janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň döwlet baştutanlygyňyzda zähmetsöýer halkymyza Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir gününi zähmet üstünliklerine beslemek miýesser etsin!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

nowaeco

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Täze ýyl baýramy bilen Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Siziň baştutanlygyňyzda Türkmenistanda asylly işler amala aşyrylýar. Siziň içeri we daşary syýasatyňyz bütin dünýäde goldanylýar. Ýurdumyz ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösýän kuwwatly döwletleriň hataryna goşuldy.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Täze ýyl baýramy mynasybetli Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyza bolsa abadançylyk arzuw edýäris.

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Geçip barýan 2023-nji ýyl Siziň baştutanlygyňyzda ösüşleriň ýyly bolup, döwletimize rysgal-bereket, agzybirlik, abadançylyk, rowaçlyk getirdi. Goý, Täze ýylymyzyň hem halkymyza serpaýy şundan pes bolmasyn! Her bir maşgalada bagtyýar çagajyklaryň gülküleri belentden ýaňlanyp dursun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# 2024 TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

***Sizi ýetip gelen Täze ýyl baýramçylygy bilen gyzgyn gutlaýarys.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly üstünliklere beslenen 2023-nji ýyl tamamlanyp barýar. Türkmenistany ösüşleriň täze belentliklerine alyp barjak 2024-nji ýyly bolsa ýagşy umyt-arzuwlar bilen garşylarys.

Goý, Täze ýyl Türkmenistan üçin üstünlikli, Türkmenistanyň halky we her bir maşgala ojagy üçin rysgal-döwletli, bereketli hem-de düşümli ýyl bolsun!

Sizi ýene-de bir gezek ýetip gelen Täze – 2024-nji ýyl bilen tüýs ýürekden gutlaýarys. Size berk jan saglyk, uzak we bagtly ömür, Türkmenistanyň halkynyň abadançylygynyň we bagtyýarlygynyň, tutuş adamzadyň durnukly ösmeginiň bähbidine alyp barýan tutumly işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris.

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

***Горячо поздравляем Вас с наступающим Новым годом!***

Завершается 2023 год, ознаменованный великими свершениями в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства. Мы с добрыми пожеланиями и надеждами встретим 2024 год, в котором Туркменистан выйдет на новые высоты развития.

Пусть Новый год будет для Туркменистана успешным, а для народа и каждого семейного очага – щедрым, изобильным и благодатным!

Еще раз сердечно поздравляем Вас с Новым, 2024 годом! Желаем Вам крепкого здоровья, долгой и счастливой жизни, новых больших успехов в Вашей благородной деятельности во имя благополучия и счастья туркменского народа, устойчивого развития всего человечества!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Täze ýyl baýramçylygy bilen mähirli gutlaýarys. Täze – 2024-nji ýyl Size we halkymyza bagt getirsin, türkmen halkyny bagtly durmuşa we abadançylyga alyp barýan döwleti işleriňizde uly rowaçlyklar ýar bolsun!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda halkymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Täze – 2024-nji ýyly uly ruhubelentlik bilen garşylaýar. Tamamlanyp barýan 2023-nji ýyl döwletimiz üçin bagtyýar ýyllaryň biri boldy, ähli pudaklar boýunça ýurdumyz uly ösüşler gazanyp, dünýädäki at-abraýyny has-da berkitdi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň ruhy has-da belende galýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, halkymyzyň her gününiň bagtyýarlyga beslenmegi üçin edýän tagallalaryňyzyň amala aşmagyny arzuw edýäris, janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işleriňiz rowaç bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan Baş direktory W. Kerwenow.**

speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW!**

Kompaniýamyz Sizi hem-de agzybir türkmen halkyny Täze ýyl baýramy mynasybetli gutlaýar.

2024-nji ýylda Size üstünlik, ähli türkmen halkyna bolsa abadançylyk we bagt arzuw edýäris.

**Joe SPYTEK, «Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOV!**

Our company congratuletes Your Excellency and all of the Turkmen people with Happy New Year.

We wish You success and all of the Turkmen people prosperity and happiness in 2024.

**Joe SPYTEK, CEO «Speedcast».**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy ähli işgärlerimiziň adyndan Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!** Pursatdan peýdalanyp, Täze ýyl baýramy mynasybetli Size berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli alyp barýan ähli tutumly işleriňizde rowaçlyklaryň ýaran bolmagyny arzuw edýäris. Mähriban türkmen halkymyza bolsa ýurt abadançylygyny, maşgala ojaklarynda rysgal-döwlet, agzybirlik, asudalyk arzuw edýäris.

Täze – 2024-nji ýyl her bir ojaga bagt paýlasyn.

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас с замечательным праздником – Новым годом!

Желаем, чтобы 2024 год для Вас, был ознаменован ещё более масштабными успехами!

В течение года осуществлены коренные преобразования в области индустриализации страны, освоения природных ресурсов, развития транспортных магистралей международной значимости.

Этот год вошёл в новейшую историю Независимого, Нейтрального Туркменистана годом, изобилующим знаковыми событиями национального и международного значения. В этом году Туркменистан отметил 28-летие своего постоянного нейтралитета.

2023 год также стал годом значительного роста авторитета Туркменистана на мировой политической арене. Проводимая Вами на принципах миролюбия, добрососедства, равноправия и взаимоуважения внешняя политика способствовала упрочению мира, безопасности и устойчивого развития на региональном и глобальном уровне.

В уходящем году дружественные отношения между Китаем и Туркменистаном последовательно развивались в духе стратегического партнёрства. Воплощаются в жизнь крупные совместные проекты, расширяется взаимодействие в торгово-экономической, инвестиционной, энергетической и гуманитарной областях.

Ещё раз от всего сердца поздравляем Вас с новогодним праздником!

И пусть 2024 год, благодаря Вашей дальновидной государственной политике, великой деятельности, признанной и поддержанной мировым сообществом, Вашим созидательным инициативам, станет годом благополучия и счастья, удач и больших успехов!

Желаем Вам, уважаемый Президент, доброго здоровья, долголетия, исполнения всех прекрасных желаний!

**С глубоким уважением,**

**Чэнь ХУАЙЛУН, Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**